**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

**A.Jumaýew**

# Logika

**Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin**

**okuw gollanmasy**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi**

**tarapyndan hödürlenildi**

**Aşgabat – 2010**

## MAZMUNY


**Giriş**

**Tema №1. Logikanyň predmeti, mazmuny we onuň ähmiýeti.**

1. Logikanyň predmeti – Pikirlenmek (Takyk we yzygiderli pikirlenmek).
2. Logikanyň ähmiýeti.
3. Logika we dil.
4. Aň ýetirmekde pikirlenmegiň roly.

**Tema №2. Sözler we zatlar. Dogry pikirlenmäniň esasy ýörelgeleri. Logikanyň kanunlary.**

1. Logikanyň esasy kanunlary.
2. Logikanyň kanunlary baradaky düşünje.
3. Pikir we dil. Sözler we dil.

**Tema №3. Düşünje. Düşünje pikirlenmegiň formasy hökmünde kesgitlemek sungaty**

1. Düşünje pikirlenmäniň formasy hökmünde.
2. Düşünjäni emele getirmegiň esasy tärleri.
3. Düşünjeleriň göwrümleri we mazmunlary.
4. Düşünjeleriň görnüşleri.
5. Düşünjeler arasyndaky gatnaşyklar.
6. Düşünjeleri bölmek.

**Tema:№ 4. Pikir ýöretme. (Sujdeniýe)**

1. Pikir ýöretme barada düşünje.
2. Pikir ýöretme we sözlem.
3. Pikir ýöretmäniň görnüşleri (sada we çylşyrymly).

4. Sada pikir ýöretmeleriň hil we mukdar taýdan bölünişi.
5. Sada pikir ýöretmelerdäki gatnaşyklar.
6. Çylşyrymly pikir ýöretme.

**Tema: № 5. Deduktiw pikir netijesi.**

1. Sillogizmiň I figurasy, modusy we kadasy;
2. Sillogizmiň II figurasy, modusy we kadasy;
3. Sillogizmiň III figurasy, modusy we kadasy;
4. Sillogizmiň IV figurasy, modusy we kadasy;
5. Sözler we zatlar barada düşünje

**Tema: 6. Hukuk öwreniş we pikir ýöretmek.**

1. Hukuk öwreniş hünärinde pikir ýöretmegiň aýratynlyklary.
2. Hukuk öwreniş hünärinde ýönekeý pikir ýöretmek.
3. Hukuk öwreniş hünärinde çylşyrymly pikir ýöretmek.
4. Hukuk öwreniş hünärinde pikir ýöretmegiň logiki arabaglanyşygy.
5. Soragyň logikasy.

**Тема № 7. Модальность суждений - Pikir ýöretmäniň modallygy.**

1. Pikir ýöretmäniň modallygynyň görnüşleri we ol barada düşünje.
2. Pikir ýöretmäniň Aletiki modallygy.
Logiki modallyk. Hakyky modallyk.
3. Pikir ýöretmäniň deontiki modallygy.

## TEMA № 8. Deduksiýawe induksiya. Deduksiýanyň görnüşleri.

1. Analogiya (mezeşlik). Sofizm we logiki paradokslar.
2. Ylmy induksiýanyň ýörelgeleri.
3. Sebäpli başlangyjy anyklamagyň induktiw usullary:meňzeşlik (usuly) aýratynlyk usuly, meňzeşlik we aýratynlyk usullaryny utgaşdyrmak, ugurdaş üýtgetmeler usuly, galyndy usuly.
4. Statistiki netijeler hakynda düşünje.

## Tema № 9. Akyl ýetirmäniň netijesi hakynda düşünje we onuň görnüşleri.

(Дедуктивнуе умазаключеня. Выводы их простых суждений)

1. Akyl, aň, pikirlenme, oýlanma, pikir barada düşünje.
2. Akyl ýetimäniň gurluşy.(Умазаключение и его виды)
3. Logiki yzygiderlilik.
4. Göz ýetirmek esasynda pikir ýöretmek.

## Tema 10: Akyl ýetirmäniň gurluşy.

1) Başlangyç, esas we netije.
2) Akyl ýetirmek esasynda pikir ýöretmek
3) Zerur (demonstratiw) we hakykata meňzeş (ýakyn) pikir ýöretmeler,
4) Göz ýetirmek esasynda pikir ýöretmek.

## TEMA №11. Soragyň we sargydyň gelip çykyşy.

1) Soraglaryň görnüşleri: dogry we nädogry, açyk we ýapyk, ýönekeý we çylşyrymly we ş.m.
2) Jogap we jogabyň görnüşleri.

3) Sorag bermegiň we jogap bermegiňkadalary we ondaky ýalňyşlyklar

**Tema. 12. Meňzeşligi synlamak bilen akyl ýetirmek we onuň gurluşy.**

1. Analogiýa görnüşleri.

2. Häsiýet we gatnaşyk meňzeşligi, berk we berk däl analogoýa (morfizm we gomarfiz) moderlemek we analogiýa.

3. Berk analogiýa esasynda netijeleriň anyklygy we berk däl analogiýanyň netijeleriniň häsiýeti.

4. Meňzeşligiň ylymda we hukuk prosesindäki orny.

# Giriş

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz bedew bady bilen özgerýär.

Mähriban Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda döwletimiz häzirki döwürde dünýäniň ösen ýurtlarynyň hatarynda bolup, dünýä jemgyýetçiligi bilen sazlaşykly ösýär.

Döwlet syýasatynda we halkara gatnaşyklary ulgamynda ileri tutulýan ugurlaryň biri ylym we bilim ulgamyny ösdürmek bolup durýar. Bilim syýasaty günüň talabyna we dünýä ülňülerine laýyk ilatyň bilim we medeni derejesini mundan beýläk hem ýokarlandyrmaga, okatmagyň we berilýän bilimiň hilini gowulandyrmaga, esasanam, ýaşlaryň ukybyny yüze çykarmaga hem-de ýaş hünärmenleriň dünýägaraýşyny giňeltmäge, alymlaryň hünär derejesini artdyrmaga, döwletimizde berk binýady tutulýan demokratik jemgyýetimiziň millilige esaslanan ruhy gymmatlyklaryny ösdürmäge gönükdirilip amala aşyrylýar.

Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek» we «Bilim - terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek» hakyndaky çykaran Permany we Karary halkymyzyň, esasanam, bilim ulgamynda zähmet çekýän işgärleriň ruhubelentlik duýgusyny goşalandyryp, mundan beýläk hem has netijeli we höwesli işlemäge uly badalga berdi. Çuň bilime giň ýol açýan bu möhüm Permanlar we Kararlar-bagtyýar geljegimiz bolan ýaş nesle berilýän bilim-terbiýäniň berk binýadyny tutmaga, okuwlaryň hil derejesini

ýokarlandyrmaga we şol sanda halkara derejesindäki täze, has ähmiýetli dersleri özleşdirmäge uly mümkinçilik döredýär. Dünýä derejesindäki öwrenilýän şeýle dersleriň biri hem «Logika» dersidir.

Maksatnama düzülende, mümkin boldugyça häzirki zamanda jemgyýetçilik ylmynyň ösen derejesine, onuň adamzadyň durmuşyndaky ornuna, halkara gatnaşyklarynyň meselelerine, umumyadamzat gymmatlyklaryna uly üns berildi. Dünýä bileleşiginiň agzasy hökmünde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň dünýä döwletleri bilen hyzmatdaşlygynyň ösýändigi aýratyn nygtalýar.

«Logika» okuw gollanmasynyň maksady ("Täze Galkynyş özgertmeler eýýamynda “hukuk öwreniş hünäri” boýunça bilim alýan talyplara adamzadyň ýaşaýşynda giň dünýägaraýşyň, ýokary medeniýetiň, aň-düşünjäniň orny, logika ylmynyň ösüşiniň taryhy, türkmen halkynyň medeni we ruhy gymmatlyklary, pähim-paýhaslylygy ýaly ýörelgelere esaslanyp, ýaş hünärmenlerde öz ugurlary boýunça yzygiderli we takyk pikirlenip, täze çözgütleri taplamaklyk ukybyny kämilleşdirmeklik maksady öňe sürülýär.

Ýurdumyzda jemgyýetçilik bilimlerini öwrenmeklige uly üns berilýär. Bu babatda esasy üns ýurdumyzyň ähli ýokary okuw mekdeplerinde daşary ýurt dilleriniň, internet ulgamynyň, häzirki zaman jemgyýetiniň täze derejesini öwrenmeklige, dünýä tejribesi bilen giňden tanyşmaklyga gönükdirilýär. «Logika» okuw dersiniň sagatlarynda talyplara Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda her bir şahsyýete gerek bolan täzeçe pikirlenmeklik,

paýhaslylyk hasiýetlerini kämilleşdirmeklik zerur hasaplanylýar.

“Logika” okuw gollanmasynyň “hukuk öwreniş” hünäri boýunça okaýan ýaşlara hukuk medeniýetini, Türkmenistanyň hukuk ulgamyny, onuň täze kanunlaryny takyk mysallar we logiki akyl ýatirmeklik usuly boýunça öwrenmeklik göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasynyň “Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň Baýdak aýynyň 15-ne çykaran Permanyndan, “Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda” 2007-nji ýylyň Nowruz aýynyň 4-däki kararyndan gelip çykýan wezipeleri durmuşa ornaşdyrmak maksady bilen, şeýle hem Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhammedowyň 2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda gol çeken “Bilim hakynda” Türkmenistanyň kanuny durmuşa geçirmek üçin.Magtymguly adyndaky türkmen döwlet uniwersitetiniň hukuk fakultetinde birnäçe işleralnyp barylýar.

Esasy maksat hukuk öwreniş hünäri boýunça – hünärmenleri taýýarlamagyň hilini ýokarlandyrmak bolup durýar. Türkmenistanda bilim ynsanperwerlige, demokratiýa, milli aň-düşünjelilige hem-de adamlaryň we halklaryň biri-birine hormat goýmagyna esaslanýar. Umumyadamzat we milli gymmatlyklar esasynda şahsyýetiň hemmetaraplaýyn ösmegi üçin döwletimizde ykdysady, durmuş, kanunçylyk şertleri döredilen. Bilimiň jemgyýetiň ruhy, durmuş-ykdysady we medeni taýdan öňe

gitmegine esas bolup durýandygyny, onuň döwleti ösdürmegiň ileri tutulýan ugrudygyny XX -Halk maslahatynda eden çykyşynda Hormatly Prezidentimiz aýratyn nygtady.

Dünýäniň öňdebaryjy ýokary mekdepleriniň okuw meýilnamalaryndan ugur alnyp, halkara standartlaryna laýyk gelýän okuw derslerini talyplara okatmak bolup durýar.

Logika - munuň özi dogry pikirlenmäniň usullary, amallary we kanunalaýyklyklary hakyndaky ylymdyr.

# Tema №1. Logikanyň predmeti, mazmuny we onuň ähmiýeti.

1. **Logikanyň predmeti – Pikirlenmek (Takyk we yzygiderli pikirlenmek).**
2. **Logikanyň ähmiýeti.**
3. **Logika we dil.**
4. **Aň ýetirmekde pikirlenmegiň roly.**

Täze Galkynyş eýýamynda Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen Garaşsyz diýarymyzda amala aşyrylýan beýik özgertmeler döwletimizi ykdysady, syýasy we medeni, bilim, ylym taýdan barha kuwwatlandyryp, täze belent sepgitlere ýetiryär.

**Hormatly Prezidentimiziň yglan eden "Döwlet adam üçindir!", "Adam döwlet üçindir!"diyen ynsanperwer ýörelgeleri** bu günki gün durmuşa ornaşyp, halkymyzy bedew bady bilen bagta we baky abadançylyga alyp barýar.

Döwlet Baştutanymyzyň ylmy taýdan esaslandyrylan Maksatnamalaryňa laýyklykda adamlaryň ykbaly, olaryň durmuş-ýaşaýyş şertleri, iş şertleri gün-günden gowlandyrylýar we dünyä ülňülerine laýyk özgeryär, ylym, bilim ösdürilýär. Mähriban Prezidentimiziň döwlet başyna geçip, ilkinji kabul eden Permanlary we Kararlary bilim ulgamyny kämilleşdirmek baradadygyny uly buýsanç bilen biz bellemelidiris.

Iki ýyldan gowrak wagtyň içinde diýarymyzda täze ýokary, orta okuw mekdepleri açyldy we gurluşy dowam edyär. Okuw meyilnamasyna täze okuw dersleri girizildi. Biziň, siz bilen öwrenjek täze okuw dersimiz - **Logikadyr.**

**Logika fîlosofîki ylym bolup, adamzadyň pikirlenmek ukybyny öwrenyär. Logika-pikirlenmekligiň kanunlaryňy we görnüşlerini öwrenyän ylymdyr.**

Logika - ( “logos” gr.-„pikir", „söz", „aň", „kanunalaýyklyk") - adamzadyň pikirlenişi baradaky ylymdyr. Yöne adamzadyň pikirlenişini öwrenyän beyleki ylymlardan (ýokary nerw işjeňligiňiň fiziologiýasyndan ya-da psihologiýadan ) tapawutlylykda, logika pikirlenişiaň ýetirmegiň serişdesi hökmünde öwrenyär; predmeti- adamy gurşap alýan dünya aň ýetirmäge ýardam edyän pikirlenişiň yörelgeleri we tilsimleri, formalary we kanunlarydyr.

Hakykata aň ýetirmek bilen bagly meseleleri filosofiýanyň möhüm meselelerine degişlidir.

Şonuň üçinem, aň ýetirip, pikirlenşi ulanýan we aň ýetirmek metodyny ulanýan logika filosofik ylymdyr.

Şeylekikde, **logika**-bu adamyň pikirlenşiňiň bolup geçyän formalary we onuň tabyn kanunlary baradaky filosofik ylymdyr. Logikanyň predmetiňi bilmek üçin, pikirlenşiň nämedigini, pikirlenşiň formalaryňyň we kanunlaryňyň nämedigini we logikanyň mazmunyny bilmek gerek.

**Aň ýetirmekde pikirlenmegiň roly.**

Aň ýetirmek duýgy organlary tarapyndan töwerekdäki dünyäniň suratlandyrylmagyndan başlap,

ol hakykat harada gös-göni bilim beryär we biziň ähli bilimlerimiziň çeşmesi bolup durýar.
Duýup aň ýetirmek 3 esasy formada bolýar: duymak ( oşuşeniye). kabul etmek, gözönüne getirmek.
**Duýmak-** bu maddy dünyäniň predmetleriniň ayratyn duyulup kabul edilyän häsiyetleriniň
suratlanmasydyr (refikin, forman, ysyn, tagamyn we b.). Predmetiň duýuş organlaryňa gös-göni
täsir etmegiňiň netijesinde döreyän şol predmetiň bitewi obrazyna **kabul ediş** diyilyär. Meselem, äpişgäň aşagynda ösýän agajy ya-da stoluň üstünde duran kitaby görüş esasynda kabul etmek,
ýagşyň, sazyň galmagalyny eşidip, kabul etmek we b. Duýup aň ýetirmegiň iň ýokary formasy
gözöňüne getirmedir. **Göz öňüne getirme**-ozal kabul edilen predmetiň aňda saklanyp galyp.
duýulan obrazydyr. Eger kabul ediş predmetiň duýgy organlaryňa gös-göni tlisir etmegiň netijesinde döreyän bolsa, onda göz öňüne getiriş ,eýýam, şeýle täsir etmäň ýok wagtynda bolýar. Meselem, öň duşan adamyň barada ya-da wakaň bolan yerindäki predmet barada gözönüne getirme.Şol bir predmeti her adam dürliçe göz önüne getirýar.
Duýup aň ýetirmek bize ayratyn predmetler barada, olaryň daşky häsiyeti barada öwredyär.
Şeýle bilim bilen adam çäklenip bilmez. Ol kabul edişiň we göz önüne getirişiň umumylaşmagyna, zatlaryň manysyna düşünmäge, tebigatyň we jemgyýetiň kanunlaryňy bilmäge ymtylýar.Bu bolsa abstrakt pikirlenişsiz mümkin däl.
Dialektiki materializm pikirlenişe ýokary guramaçylykly materiya bolan beyniniň maddy dünyäni ideal obrazlarda

suratlandyrýan aýratyn häsiýeti hökmünde garaýar. Biologiki ewolyusiýanyň önümi bolup, adamyň pikirlenişi , şeyle-de jemgyýetiň ösüşiniň önümi bolup durýar. O1 diňe adam jemgyýetine häsiýetli bolan zähmet işi we sözleýiş bilen baglylykda döreýär we ösyär.

Duýup aň ýetirmekden tapawutlylykda. pikirleniş daşky dünýäni abstraksiýalarda (predmetiň bir häsiýetini ýa baglanyşygyny onuň kanuny alamatlaryňy ýüze çykarmak maksady bilen pikirde aýyrma) suratlandyrýar. Zatlarda we hadysalardaaňyklykdan, olaryň indiwidual aýratynlyklaryňdan ünsüni bölüp, abstrakt pikirlenme birnäçe meňzeş predmetleri umumylaşdyrmaga has möhüm häsiýetlerini bellemäge, ayratyn baglanyşyklaryňyň üstüni açmaga ukyplydyr.

Öz abstragirlemek ukyby üçin, pikirlenmäniň duýup aň ýetirmek bilen deňeşdirlende, hakykaty suratlandyrma formasy ýokarydyr. Diňe duýup aň ýetirme bilen çäklenip. käbir hadysalaryň, meselem, ýy1 pasyllaryňyň çalşygy bilen Yeriň Günüň daşyndan aýlanmasynyň baglylygyňy,gün ýa aý tutulmasynyň wagtyny , jenayatyň derňewini geçirmegi kesgitläp bolmaýar.Teoretikiylmy abstrakt pikirlenmesiz, hatda, tebigatyň 2 faktyny biri-biri bilen baglamak hem mümkindäl. Ýöne abstrakt pikirlenmäni duýup, pikirlenmeden ayratynlykda öwrenmek ýalňyşdyr. Real aň ýetiriş prosesinde olar aýrylmaz bitewilikde durup, aň ýetiriş prosesiniň taraplaryňy,

pursatlaryňy düzyärler. Duýup aň ýetirme öňünde umumylaşdyrma elementini saklap, bu diňebir göz öňüne getirme häsiýetli bolman, eýsem belli bir derejede kabul edişe we duýuşa hem

mahsusdyr we ol logiki aň ýetirişe geçmek üçin şerti düzyär. Pikirleniş duýuş organlaryň kömegi
bilen alnan maglumatlara esaslanýar. Abstrakt pikirlenşiň kömegi bilen adam duýup aň ýetirme
üçin elýeter bolmadyk hadysalara aň ýetiryär, meselem, elementar bölejikleriň hereketi,
jemgyýetçilik ösüşiniň kanunlary we b.. ýöne hakykat baradaky biziň ähli bilyänlerimiziň
çeşmesi duýmak, kabul etmek, göz öňüne getirmek bolup durýar. Şeýlelikde. aň ýetiriş prosesi-
duýup aň ýetirişi we abstrakt pikirlenşi özünde jemleyär. Aň ýetirmekde tejribäniň ýoly uludyr.
Aň ýetirmegiň esasy we hereketlendiriji güyji bilimleriň hakykylygyňyň şerli we onuň maksady
bolmak bilen, tejribe aň ýetiriş prosesiniň başda aýak içinden geçýär.

**Abstrakt pikirlenmäniň esasy aýratynlyklary:**

**1.** Pikirleniş hakykaty umumylaşdyrlan obrazlarda suratlandyrýar. Duýup aň ýetirmeden
tapawutlylykda, pikirleniş yeke-täklikde abstragirlenyär, predmetlerde umumylygy,
gaýtalanýanlygy, göze dürtülip duranlygy (suşestwennoye) aýratyn belleýär.Meselem, biz günde
dürli ýaşdaky, dürli hünrli we dürli milletden bolan adamlary görýäris.Ähli adamlara mahsus
bolan umumy häsiýetleri - zähmet çekmek ukyby, pikirlenmek, diliň üsti bilen pikir alyşmak-
aýratyn belläp, biz bu häsiýetleri umumylaşdyrýarys we adamlaryň abstrakt obraz1aryny

döredýäris. Şeydip, biz aýratyn adamlara aň ýetirmegiň üsti bilen adam baradaky ylmy düşünjelere, umumylygy bilmeklige geçýäris. Şular ýaly usul bilen, materiýanyň hereketiň, jemgyýetçilik synplaryň, döwletiň hukuk ukyplylygyňyň we b. ylmy düşünjesi .Umumylaşdyrman kömegi bilen, abstrakt pikirleniş hakykata çuň ornaşýar. Onuň kanunlaryňy açýar.

**2.** Pikirleniş - hakykatyň bir zadyň üsti bilen suratlandyrylýan prosesidir. Janly syn ediş(oýlanmak) bilen biz diňe duýuş organlarymyza gös-göni täsir edýän zatlara aň ýetiryäris. Biz gür agaçlygy görýäris, guşlaryň aydymyny eşidýäris, gülleriň ysyny alýarys. Abstrakt pikirlenişiň üsti bilen biz gös-göni däl-de, eýseml eýýam bar bolan bilimlerimiziň esasynda , ýagny şolaryň üsti bilen täze zatlary alýarys. Meselem, daşary çykman termometriň üsti bilen howa barada maglumat alyp bolýar, jenaýatyň edilşini görmedik hem bolsaň, göni we gytak subutnamalaryň üsti bilen jenaýatçyny kesgitlemek mümkin.
Eýýäm bar bolan bilimlerden her biraňyk ýagdaýda tejribä salgylanmazdan bilim almaklyga **netije bilimi** (wywodnoye) diýilýär. Onuň alnyş prosesine bolsa, **netije çykarma** (wywedeniye) diýilýär. Netije çykarma ýoly bilen täze bilimleri almak adamyň aň ýetiriş işinde giňden ulanylýar.
**3.** Pikirleniş dil bilen aýrylmaz baglydyr. Adamyň kellesinde haýsy pikir dörande-de, ol diňe dil
materialyň esasynda, sözlerde we sözlemlerde dörap we dowarn edip biler. Dil- pikiriň gös-göni

hakykatydyr. Diliň kömegi bilen adamlar öz pikirleniş işleriniň netijelerini beýan edyärler
we belleyärler, pikir alyşýarlar, özara düşünişyärler.

**4.** Pikirleniş – hakykaty işjeň(aktiw) suratlandyrinak prosesidir. Aktiwlikk ähli aň ýetiriş prosesini
Bitewilikde, yöne öňi bilen abstrakt pikirlenşi häsiýetlendirilýär. Abstraksiýalary döretmek bilen,
adam hakykatyň predmetleri baradaky bilimleri özgerdip, olary diňe bir adaty dil serişdesi bilen
däl-de, eýseml simwollar bilen hem beýan edýär.

**Pikirlenişiň formalary we kanunlary barada düşünje**

Abstrakt pikirlenişiň esasy formalary - düşünje, oýlanama (suzdeniye) we netijä gelme
(umozaklyuçeniye) .

Ayratyn predmetler ýa-da olaryň jemi adamyň pikiriňde öz mazmunlary boyunçatapawutlanýan **düşünje** bolup şöhlelenýär. Meselem “yuridiki kanun” we ,,töhmet"- pikiriň dürli predmetleri şöhlelendirýan düşünjelerdir. Yuridik kanun- bu döwlet häkimetiňiň ýokary edarasy 50 tarapyndan kabul edilýän we ýokary yuridiki güyji bolan normatiw aktdyr. Töhmet – bu TJK-nyn 133 maddasyna laýyklykda, başga adamyny masgaralaýjy, görnetin ýalan maglumatlary ýaýratmakdyr. Ýöne bu dürli hadysalar şol bir usul bilen pikirlenilyär - olaryň umumy, aýratyn häsiýetleriniňýa alarnatlaryňyň kesgitli jemi hökmünde.

Bir predmetiň kesgitli gatnaşykda häsiýetli aýratynlyklaryňy ýa-da birnäçe predmetiň umumy, gaýtalanýan häsiýetlerini belläp, biz A predmetiň düşünjesini biri-biri bilen kesgitli usulda bagly bolan, onuň esasy a,b,ç we ş.m. alamatlaryňyň haýsydyr bir jemi hökmünde emele getirýäris. Şeylelikde, dürli predmetler

adamyň pikiriňde birmeňzeş, ýagny , olaryň esasy alamatlaryňyň kesgitli baglanşygy hökmünde, ýagny **düşünje** fonnasynda şekillendirilyär.

Predmetler we olaryň häsiýetleriniň arasyndaky gatnaşyk **oýlanma** formasynda şekiliendirilýär.
Bu galnaşyklar tassyklanýar ýa-da ret edilyär. Meselem, aýyplanýanyň özüni goramaga haky bar" oýlanmasynda ayyplanýan bilen goranmagyň arasyndaky gatnaşyk tassyklanylýar. „Serhoş ýagdaýynda jenayat eden adam jenayat jogapkarçiligiňden boşadylmaýar" diylen oýlanmada görkezlen adam bilen jenaýat jogapkärçiligiňden boşatmaklygyň arasyndaky jenaýat ret edilýär.
Agzalan oýlanmalar öz mazmunlary boýunca dürli, ýöne bu mazmunyň bölekleriniň (elementleriniň) baglanyş usuly birdir; bu baglanyşyk tassyklama formasynda ya-da ret etmek formasynda bolýar. Oýlanma girýän düşünjeler logikada kabul edilen simwollar bilen bellesek, (S-subyekt, -oýlanmanyň predrneti baradaky düşünje we J-predikat-predmetiň alamaty baradaky düşünje), onda şu tipdäki islendik oýlanma üçin umumy bolan shema alarys: S-P, buýerde S we P oýlanma girýän düşünjelerdir, a „-„ nyşan bolsa olaryň arasyndaky baglanyşygy görkezýär. S we P kömegi bilen islendik predmeti we olaryň häsiýetini , „-„ nyşanyň üsti bilen bolsa islendik baglanyşygy (tassyklaýja ya ret ediji pikir edip bolýar . Şeyjelikde, oýlanma bu tassyklama ret etme formasynda bolan, hakykatyň predmetliriniň gatnaşyklaryňy şekillendirmegiň kesgitli usulydyr.
Bir ya-da birnäçe oýlanmalaryň kömegi bilen täze oýlanmanyň getirilip çykarylmagyna **netijä gelme** diyilýär.

Bir görnüşli netijä gelmelerde netije şol bir usullarda gazanylýar. Meselem. Şaýat ýalan görkezme bermeli däl" we ..Soltanow -şaýat" diýlen oýlanmalardan täze oýlanma gelip çykýar: “Soltanöw ýalan görkezme bermeli däl” . Netije çykarylýan oýlanmalaryň “şaýat" düşünjesi bilen baglanyşyklylygy üçin şeyle netijä gelinýär.
İslendik mazmunly oýlanmalardan olaryň arasyndaky baglanyşygyň kömegi bilen netije çykaryp bolar. Şeylelikde, biz mazmuny boýunca dürli netijä gelmelerde umumylygy belleýäris - oýlanmalaryň arasyndaky baglanyşyk usuly.

Pikirlenmegiň esasy formalaryňa - düşünjä, oýlanma we netijä gelmä seredip, biz olaryň her
birinde pikiriňaňyk mazmunyna bagly bolmadyk umumylygy- pikiriň elementleriniň baglanyşygynyň usulyny (düşünjedäki alamatlary, oýlanmadaky düşünjäni we netijä gelmedäki oýlanmany) tapdyk. Bu baglanyşyklar bilen şertlenen pikir mazmuny öz-özünden däl-de, kesgitli logiki formalarda : düşünjelerde, oýlanmalarda, netijä gelmelerde bolýar. **Logiki forma ya pikirlenşiň formasy- bu pikiriň elementlerni baglanyşdyrmak usuly, onuň gurluşy bolup, onuň kömegi bilen mazmun döreyär we hakykaty şekillendiryär.** Pikirlenşiň real prosesinde pikiriň mazmuny we formasy bölünmez birlikde bolýarlar. Arassa, formasvz mazmun ýok, arassa, mazmunsyz logiki formalar hem ýok.
Pikirlenşiň kanunyna şeredeliň. Bu meselä seretmek üçin pikiriň hakykylygyňa we oýlanmanyň logiki dogrulygyňa seredeliň. Eger pikir hakykata laýyk gelse, ol hakyky bolar. Hakykata laýyk gelmeýän pikir ýalan bolýar..

Mazmuny boýunça pikirleriň hakykylygy- oýlanma prosesinde dogry netijeleri gazanmagyň zerur şertidir. Beyleki zerur şert hem - oýlanmanyň logiki dogrulygydyr. Eger soňky şert berjaý edilmeýän bolsa, onda hakyky oýlanmalardan hem ýalan netije alnyp bilner. Oýlanmalaryň logiki dogrulygy pikirlenşiň kanunlary bilen şertlenendir. Bulardan gelip çykýan talaplaryň bozulmagy logiki ýalňyşlyklara getiryär.

**Pikirlenşiň kanuny** - bu oýlanma prosesinde pikirleriň zerur düýpli—baglanşygydyr. Pikirlenişiň formal – logiki we dialektiki kanunlaryňy tapawutlandyrmak gerek. Fonnaldogika bilen öwrenilýän kanunlar ( meňzeşlik gapma-garşylyksyzlyk. üçünjini aradan aýyrmak, ýeterlik esas, düşünjäniň möçberiniň we mazmunynyň arasyndaky ters galnaşyklar kanuny we b.) oýlanmanyň dogrulygyňy şertlendiryär.Olaryň täsiriniň kömegi bilen hakyky we harlanan oýlanmalardan täze bilimleri çykarmak hakykata getiryär. Dialektiki kanunlar- gapma-garşylyklaryň birligiňiň we söweşinilň, san we hil üytgeşmelerň özara ýerlerini çalyşma kanuny we b.-bular diňe bir obýektiw dünýäniň kanunlary däl, eýseml, olar pikirlenişe-de täsir edýärler we dialektiki logikany öwrenmegiň predmeti bolup durýarlar. Bu kanunlaryňaň ýetirilip, aň ýetiriş prosesinde ulanylmagy pikirlenişde maddy dünýäniň dialektikasyny, hadysalaryň arabaglanyşygyny , olaryň üytgemegiňi we ösmegiňi, olaryň içindäki bar bolan garşylyklary we b. çuň we doly suratlandyrmaga münkinçilik berýär.

Obýektiw dünýäniň çylşyrymly dialektiki prosesini öwrenip, pikirlenişi berjaý etmeseň zatlaryň dialektikasyny (adamzadyň we tebigatyň elmydama hereket edýän we

üytgäp durýan ähli umumy kanunlary hakyndaky ylym) görkezip bolmajak formal-logiki kanunlara tabyn bolýar. Pikirlenişiň kanunlary we formalary adamyň aňynda obýektiw hakykatyň predmetleriniň häsiýetiniň baglanyşygynyň we gatnaşygynyň şöhlelenmesidir. Olar adamyň praktiki işiniň netijesiniň adamyň aň-ýetirişiniň köp asyrlyk praktikasy hökmünde emele gelipdir. Daşky dünýäniň predmetleriniň gaýtalanýan gatnaşygy we baglanyşygy adamyň pikiriňde şekillenip, pikirlenişiň kanunlary we formalary görnüşinde berkidilipdir.

**Logikanyň görnüşleri:**

**1. Formal logika- bu ylmyň ugry pikirleriň esasy mazmunyndan, düşünjelerden,au ýetirmekden daşlaşyp, onuň görnüşleriniň utgaşmagyny öwrenýär;**

2. **Dialektiki logika- pikirlenmek baradaky ylym bolup, aňda tebigat bilen jemgyýetiň sazlaşygyny bilmekligi şöhlelendiryär. Şonuň ýaly-da pikirlenmegiň ösüşini, gapma garşylygyňy şol pikiriň görnüşi we manysy bilen bilelikde öwrenyär.**

**3. Matematiki logika- matematiki usullar bilen ösyän logika. Bu usul elektron - hasaplayyş maşynlarda we konstruktorlyk işinde ulanylýar.**

**Şonuň ýaly hem Logika pikirlenmegiň, aň ýetirmekligiň yzygiderligi. Logika pähim-payhaslyk, içki duýgularyň yzygiderligi diýip hem düşündirilyär.**

Adamlar daşyny gurşap alýan zatlary, ýagny hakykaty ilkibada duýgylaryň üsti bilen aňşyrýarlar. **Duygularyň**

**kömegi bilen degri-daşy bilmeklik şu yzygiderlikde bolup geçýär.**

1. **Duýmak**-bar bolan maddy zatlaryň käbir haşsyýetlerini şöhlelendirmeklik, ýagny- refiki, göwrümi, ysy, tagamy.
2. **Aňşyrmak**, kabul edip almaklyk- maddy gymmatlyklary we hadysalary dolylygyňa duýgy organlaryň kömegi bilen bilmeklik, ýagny göz bilen görmek we gulak bilen eşidmek.
3. **Göz öňüne getirmeklik**-öň duýup, görüp, göz ýetiren zatlaryň aňynda galmagy.

**Logika ylymynyň predmeti- pikirlenmeklik bolup durýandyr.**

**Logika pikirlenmegiň we oýlanmaklygyň prossesi bolup, yzygiderli we takyk pikirlenmeklikdir.**

**Pikirlenmeklik prossesi** zähmetiň we diliň döremegi bilen baglylykda döräpdir.

**Pikirlenmeklik prossesi** dünýäniň abstraksiýada (howaýy, ýagny maddy zatlaryň häsyetli taraplaryňdan üzfie)-pikirlerde we duygularda şöhlelendirilmegidir. **Pikirlenmeklik** bilmeklikden ýokardadyr, yöne on bilen bitewidir.

**Abstrakt (howayy) pikirlenmekligiň ayratynlyklary:**

1. Hakykatyn umumylyk görnüşde şöhlelendirilmegi.
2. Pikirlenmekligiň dil bilen baglylygy.
3. Çalasyn şöhlelendirmeklik.

Abstrakt (howayy) pikirlenmekligiň görnüşleri, ýagny formalary:

1. Düşünjeler;
2. Oýlanşmalar (bu prossesde zatlaryň we olaryň haşyetleriniň arabaglanşyklary şöhlelenyär);
3. Aň ýetirmeklik (bu dürli oýlanşmaklaryň arabaglanşygynyň usulydyr).

Logikanyň adamzat üçin ähmiýeti örän ulydyr, sebäbi her bir adam yzygiderli we takyk pikirlenmäni başarmalydyr.
Hünärmenler üçin logika örän zerurdyr, sebäbi hemme hünärmenler üçin hem çeýelik, dogry netije çykarmaklyk, hadysalary we wakalary yzygiderli seljermeklikligi başarmaklyk haşyetleri mahsus bolmalydyr.

Logika gürründeşligiň, gepleşikleriň, seljermekligiň, işi yerine ýetirmekligiň, dürli mazmunly makalalaryň we maglumatlaryň, hereketleriň, yzygiderliligi we takyk bolmagy üçin möhümdir.

Logikanyň, ýagny yzygiderli we takyk pikirlenmekligiň âhmiýeti, dogry çözgütleri we netijenamalary çykarmak üçin örân wajypdyr.
Käbir hünärler üçin logika ylmyny öwrenmeklik örän zerurdyr, mysal üçin hukukçylara (sülçilere), diplomatlara, inženerlere (kompyuter we elektron hasaplaýyş maşynlar boyunça hünärmenlere), galamgärlere, ýazyjylara we başgalara.

Logika we dil.

Logikany öwrenmegiň predmeti hökmünde pikirlenşiň kanunlary we formalary, geljekde ideal obyekl bulmak bilen, dilde material formany edinýarler we diňe dil kontekstlerniň ýörite analizi ýaly yüze çykarylyp bilnerler.

Diliň esasy funksiyalarna we düzümine, şeyle-de logikanyň diliniň ayratynlygyna seredeliň. Dil diýip. adamlaryň arasynda iş salyşmagyň serişdesi bolup çykyş edýän we maglumaty emele getirmek, saklamak we geçirmek wezipäni yerine ýetirýän islendik nyşanly maglumat ulgamyna aydylýar. Dili kompleksleyin öwrenýän ylym semiotikadyr (nyşanly ulgamlaryň umumy taglymaty). ol dili 3 aspekt boyunça öwrenýär: sintaksik. semantik, pragmatik. Sintaksis-diliň gurluşyny : döreyiş . üytgeýiş usulyny we nyşanlaryň arasyndaky baglanyşygy öwrenýär. Semantika-interpretasiya meselelerini, ýagny nyşanlaryň arasyndaky gatnaşygy öwrenýär. Pragmatika-diliň kommunikatiw wezipesini, ýagny dili göterijiniň diliň özüne bolan emosional, psihologiki, estetiki, ykdysady we b. praktiki möhüm gatnaşygyny öwrenýär. Diller adaty we emeli görnüşde bolýar. Adaty ya-da milli diller-bu jemgyýetde taryhy emele gelen ses(gepleyiş) soňra bolsa grafiki(yazuw) maglumatyň nyşan ulgamydyr. Olar maddy praktiki iş prosesinde toplanan maglumaty berkitmekde we geçirmekde adamlaryň sosial talabyny kanagatlandyrmak üçin dörapdir. Adaty diller bay, aýdyň mümkinçilikleri we durmuşyň dürli çygryny uniwersal öz içine alýanlygy bilen tapawutlanýar. Emeli diller - bu goşmaça nyşan ulgamy bolup. bular adaty dilleriň esasynda ylmy we beyleki maglumatlary takyk we tygşytly geçirmek üçin yörite döredilýär. Olar öz şahsy serişdeleriniň kömegi bilen däl-

de, eýsem adaty diliň kömegi bilen konstruirlenýärler. Başga bir diliň gurlyşy ýa öwrenilmegi üçin serişde bolup çykyş edýän dile meta-dil diyilýär. beyleki dile bolsa. dil-obyekt diyilýär.Meta-dil dil-obýekt bilen deňeşdirlende, has baý bolmaly. Emeli diller himiýada, matematikada, fizikada, hasaplaýyş tehnikasynda, kibernetikada we beylekilerde ulanylýar.Emeli formallaşdyuan dil logikada pikirleniş strukturalary teoretikianaliz etmek üçin ulanylýar. Hazirki zaman logikada predikatlaryň logiki dili köp ulanylýar.Onuň gurluş yörelgelerne we strukturasyna seredeliň.

Adaty dil analiz edilende pikirleriň logiki forrmasyny yüze çykarmak üçin dil aňlatmalarynyň mazmun we semantik häsiýetiniň ähmiýeti uludyr. Onuň esasy semantik kategoriyasyna şular degişli: predmetleriň atlary, häsiyetleriň atlary, sözlem. *Predmetiň atlary*-bu predmeti aňladýan aýratyn sözlerdir ýa-da söz düzümleridir. Dilde predmetiň şertli wekili bolmak bilen atlaryň ikileyin manysy bardyr. Bu adyň degişli bolan predmetleriniň köplügi onuň predmel manysyny düzýär we oňa *denotat* diyilýä. Predmetlere mahsus bolan häsiýeti görkezmek bilen predmetleriň şeyle köplügini tapawutlandyrmagyň usuly mazmun manysyny düzýär we oňa konsept ýa mazmun diyilýär.

Düzümi boýunça başga atlary özünde saklaýan yönekeý atlary (mes.. ,.döwlet") we beyleki atlary özünde saklaýan çylşyrymly atlary (mes.."Yerin hemrasy") tapawutlandyrýarlar. Denotat
boyunça atlar yeke-täk we umumy bolýarlar. Ýeke-täk at bir predmeti aňladýar we dilde hususy atlar bilen atlandyrylýar (mes."Aristotel") ya-da beýan edilyär

(Mes.,"Yewropada in uly derya"). Umumy at köplügi aňladýar (bir predmetden köp bolan zatlary aňladýar). dilde oňa jyns at (mes.. kanun) diyilyär ya-da beýan edilyär (mes.,Yewropa sosialistik döwleti).

Häsiýeti we gatnaşygy aňladýan dil aňlatmasyna predikator (düşünje. habar) diyilyär.Sözlemde pikir köplenç habaryň roluny ýerine ýetiryärler (mes., ylgamak, sowgat bermek, söýmek web.) Berlen predikatoryň degişli bolan atlarynyň sanyna onuň ýerligi (mestnost) diyilyär.Aýratyn predmetlere mahsus häsiýetleri aňladýan predikatorlara buyerli diyilyär(mes.. gök asman), iki ya köp predmetleriň arasyndaky gatnaşygyaňladýan predikatorlara köp yerli diyilyär. Meselem, „söymek" predikatory iki yerli degişlidir (Maşa Saşany söyyär), a „sowgat etmek" predikatory bolsa, üç yerlidir (..kakasy ogluna kitap sowgat eldi").

Sözlem-bu hakykatyň hadysalary barada tassyk edilyän ya-da ret edilyän aňlatmalardyr.Habar sözlemi öz logiki manysy boýunça hakykaty ýa ýalany görkezyär.

Predikat logikasy diliniň harplygy adaty diliň semantik kategoriyasyny şekillendirip we ony yzarlap. şeyle nyşanlary (simwollary) öz içine alýar:

1. a, b, c, ... -predmetleriň yeke-täk ady üçin simwollar; olara predmet hemişeligi (konstantalar) diyilyär.
2. x, y, z, ... - predmetleriň umumy atlarynyň simwollary. olara üýtgeýän predmetler diyilyär.
3. P', Q', R',P", Q", R",predikatorlaryň simwoly bolup, indeksler olaryň yedigini görkezyär : I-bir yerli, 2-ikiyerli, n-yerli. Olara üytgeyän predikat diyilyär.
4. p, q, r, pîkiri aýtmak üçin simwollar. Bulara pikiri aýdyş ya-da propozision üytgeyjiler diyilyär.

5. V, E - kwantorlar üçin simwollar, V- umumy kwantor, ol şeyle aňlatmalary simwolizirleyär: hemme, her kim. islendik, hemişe we b. E- barlyk kwantory,ol sular) simwolizirleyär: kahir, käwagt, duş gelyär, bar bolýar we b.
6. Logiki baglayjylar: A - konyunksiyalar ( ,, we „ baglayjy);
-dizyunksiyalar (,ya-da ,, ayryjylary) —>-implikasiyalar ( ,,eger" . ,.onda" ...)
=-ekwiwalentlik ( ,, eger we diňe eger... . onda)
I - ret etmek ( „nädogry, haçanda ) .
7.Tehniki nyşanlar: ( . ) - çep we sag ýaýlar. Logiki predikat dilinde şular başga nyşan ýok. Logiki predikatlaryň diliniň gurluşynyň ikinji etaby - bu onda ýol berlen ahlatmalaryrî kesgitlemesidir, oha dogry gurlan formulalar (DGF) diyilyär.Munun esasynda formalizirlenen logiki ulgamlar gurulýar.

Özbaşdak ylym hökmünde logika 2 müň yyl mundan ozal, IV a.b.e.öň emele gelipdir. Ony esaslandyryjy gadymy grek filosowy Aristoteldir.Ol ilkinji bolup, düşünjäni we oýlanmany öwrenipdir, neti je çykarma wesubut etmek taglymatyny jikme-jik işlapdir. birnaçe logiki operasiýalary beýan edipdir, pikirlenmegiň esasy kanunlary bolan menzeşlik kanunyny. gapma-garşylyk kanunyny, üçünjini aradan aýyrmak kanunyny formulirläpdir.
Aristoteliň yzy orta asyrda we Täze eyyämde ösdürilipdir. Muňa düýpli goşmaça hökmünde iňlis filosof-materialist F.Bekonyň (1561-1626) işläp düzen we iňlis filosofy we logiki D.S. Mill ( 1806-1873) tarapyndan ulgama salnan induksiya taglymatyny getirmek bolar.

Aristoteliň deduktiw logikasy we Bekon- Milliň induksiw logikasy ýewropanyň bilim ulgamyuda umumy bilim dissiplinasynda hökmany element bolup. kop wagt dowam edipdir. Logikanyň ösmegiňe ep-esli itergi berenler : fransuz filosify R.Dekart (1596- 1650). klassiki nemes tilosofiyasynyň düybini tutujy I.Kant (1724-1804), rus. materialistleri M.W.Lomonosow (1711-1765) A. N.Radişew (1749-1802) j-ewolyusion demokratlar XIX asyrda A.I.Gersen, N.G. Çernyşewskiy, rus logikleri M.I. Karinskiý (1840-1917), L.B.Rutkowskiý (1859-1920) we b. Aristoteliň esaslandyran logikasyna formal, tradision ya-da aristotel logikasy diyilýär, sebäbi ol pikirlensiň fbrmalary baradaky ylym hükmünde döreýär we ösýär.

XIX asyryň U ýarym ýyllygyňda logikada hasaplaýşyň matematiki usullary ulanylyp başlanylýar. Onuň ösmegine nemes alymy G.Fregeniň (1848-1925) uly goşandy bar. Muň a soňra matematiki ya simwoliki logika diyilýär. Bu formal logikaň bitewilikde ösmegine ýardam edýär. Formal logikanyň aýratynlygy, ol pikirlenişiň formalarynyň döreyşine, üýtgeýşine, ösüşine üns bermän , diňe pikirlenşiň formasyny öwrenýär. Pikirlenşiň yaňky tarapyny bolsa dialektiki logika öwrenýär.Ilkinji gezek dialektiki logika obýektiw-idealistik filosofy Gegel ( 1 770-183 1) tarapyndan öwrenilýär

Bizin pikirimiz logika ylymyna «garamazdan logiki kanunlara tabyndyrlar we logiki formalarda bolup geçýärler. Adamlar özleriniň pikirleriňin logiki kanunalaýyklyklara tabyndyklaryny bilmän, logiki pikirlenýärler. Yöne logikany öwrenmek artyk däldir. Pikirlenmegiň kanunlaryny we formalaryny , olaryň aň ýetiriş prosesinde aň ýetirlip ulanylmagy pikirlenmegiň

medeniýetini ýokarlandyrýar, has sowatly" pikirlenmek endigini işläp çykarýar, öz we kesekiniň pikirlerine kritiki gatnaşygy ösdürýär.
Logikanyň wezipesi pikirlenşiň kanunlaryny we formalaryny aň ýetirip. adamyň ulanmagyny hemde şunuň esasynda logiki pikir etmegine , şeyle-de gurşap alýan dünýäni dogry öwrenmegi gazanmakdyr.

Logiki pikirlenmek takyk we yzgider pikirlenip, öz oýlanmalaryňda gapma-garýylyklara
yol bermezlik, logiki yalňyşlyklaryň üstüni açmagy başarmakdyr. Pikirlenişiň şu häsiýeti ylmy
we praktiki işleriň ahlisinde, şol sanda yuristiň işinde hem zerurdyr.

Berk logikanyň bolmadyk, yzygidersiz we gapma-garşylykly oýlanmalar işi anyklamaga päsgel berýärler, hatda olar nädogry hökümiň çykarylmagyna hem getirip biler.

Logikany bilmeklik yuriste logiki gurnalan, gowy argumentirlenen sözi (reç) taýýarlamaga , jebir çekeniň, şaýadyň . aýyplanýanyň görkezmelerinde gapma-garşylyklary yüze çykarmaga öz garşydaşlarynyň esassyz sebäplerini ret etmäge , yzygider we esasly resmi dokumentleri düzmäge we b. kömek eder.

*Temany özleşdirmek üçin mysaly soraglar:*

1. Logikanyň predmeti nämeden ybarat?
2. Logikanyň nähili görnüşleri bar?
3. Hukukçy hünärmenler üçin dogry pikirlenmegiň nähili ähmiýeti bar?
4. Abstrakt pikirlenmegiň görnüşleri nämeden ybarat?
5. Aň ýetirmekde pikirlenmegiň roly?

6. Pikirlenişiň formalary we onuň kanunlary barada düşünje nämeden ybarat?
7. Logikany esaslandyran akyldarlar kimler?

## Tema №2. Sözler we zatlar. Dogry pikirlenmäniň esasy ýörelgeleri. Logikanyň kanunlary.

1. **Logikanyň esasy kanunlary.**
2. **Logikanyň kanunlary baradaky düşünje.**
3. **Pikir we dil. Sözler we dil.**

Logikany ylmy ugur hökmünde ösmegine aýratyn goşant goşan gadymy grek ňlosoflary-alymlar Platon, Aristotel, Nemes ňlosofy Imanuil Kant we başgalar.

Aristotel gadymy grek ňlosofy we ensiklopedist alymy bolup, ylmy mekdebi döredijidir. Ol biziň eramyzdan öňki 322-nji ýylda, Halkidika ýarym adasynyň Ewbeya adasynda doglan.

Aristotel Logika ylmynda sillogistika taglymatyny,ýagny teoriýasyny işläp taýýarlaýar. Sillogistika grek sözi bolup, (deduktiwnyy) iki pikirden täze bir pikiriň emele gelmegi diýen düşünjäni beryär. Aristoteliň "Organon" diýen eserinde sillogistika meselesine has-da ginişleýin seredeliň.

**Pikirlenmeklik prossesiniň iki görnüşi bolup, ýagny birinjisi pikirlenmeklik prossesi formal (logiki) tertibe, ikinjisi bolsa formal däl (mazmunly) metodologiki tertibe laýyklykda bolup geçýär.**

Pikirlenmeklik prossesiniň 1-nji tertibini- **logiki pikirlenmeklik diýip hasap edilýär, ikinjisini bolsa logika laýykpikirlenmeklikdir. Logiki pikirlenmeklik,**

ýagny bu formal logikanyň kanunlaryna laýyklykda pikirlenmeklikdir.

**Haçanda adamlar logika laýyk pikirlenýän bolsa, onda olar** pikirlenmekligiň **hemme tertiplerini berjaý edýärler.**

**Formal logikanyň** tertibinden başgada ulanylyan talaplar, **ýagny dürli pikirleriň takyklygyny kesgitlemek, taglymatlary düzmek we esaslandyrmak, sorag goýmaklygyň düzgünlerini ulanmaklyk, gipotezalary öňe sürmeklik, taglymatlary esaslandyrmak we seljermeklik we başgalar.**

**Logikanyň esasy kanunlary (4 sany):**

**l.Birmanylyk kanuny (tozdestwa);**
**2.Garşylygyň bolmazlygy kanuny (neprotiworeçiya);**
**3.Üçünji pikire orun bolmazlvk kanuny (zakon isklyuçonnogo**
**tretyego);**
**4. Ýeterlik esas kanuny (dostatoçnogo osnowaniýa).**

Kanunlar Logiki pikirlenmäniň häsiýetlerini apdyňlaşdyrýar, ýagny kesgitlenen, gapmagarşylyksyz, yzygiderlik we esaslandyrylan.

**Pelsepeçileriň käbiri, ýagny idealistler -** Logikanyň kanunlary hakyky dünyä barlyga bagly däldir diýip hasaplaýarlar.

Akyl ýetiriş prossesinde hakykylyga ýetmekde logikanyň kanunlary zerurdyr.

**Pelsepeçileriň käbiri, ýagny metaňziklar-** Logikanyň kanunlary maddy zatlaryň özüniň kanunlary diýip hasaplaýarlar.

Biz siz bilen bilelikde Logikanyň kanunlarynyň üstünde durup geçeliň.

I. Birmanylyk kanuny (tozdestwa)

Dürli pikir takyk kesgitlenen bolmalydyr we many-mazmuny bolmalydyr.

Birmanylyk kanuny görkezyär, ýagny öýlanşmaklyk öz-ozünden bolmalydyr. Bu kanuna layyklykda "A" düşünje "A" düşünja deňdir, ýagny "A" hakyky "A"-dyr. Bu kanunda gelip çykýan netijenama:

- dürli pikirleri deňeşdirmeli däldir;
- Birmanyly pikirleri deňeçer däl diýip hasaplamaly däldir.

Egerde dürli düşünjeleri deň diýip hasaplasak, onda Logika taýdan ýalňyşlyk bolar, düşünjeleriň ýeri çalşylar. Logika ylmy pikirleriň kesgitliligine ünsi köp berýär.

Birmanylyk kanuny hukukçylaryň işinde uly orn tutýandyr. Sülçiler iş alyp baranlarynda tanamaklyk usulyndan peýdälanýarlar, ýagny tassyklaýjy

(hadysany, wakany, pursatlary we ona gatnaşyjy adamlary hem-de gurallary, enjamlary) zatlary kesgitlemeklikdir, ýagny tanatmak. Sülçileriň işinde adamlary ýa-daenjamlary deňeşdirmeklik (identifikasiya) örän wajyp bolup durýar.

Dürli hadysa seljerilende düşünjeleriň takyk manysyna we mazmunyna uly uns berilýär.

**II. Garşylygyň bolmazlygy kanuny**.

Logiki taýdan pikirlenmeklik gapmagarşylyk däldigi bilen tapawutlanýar. Gapmagarşylyk bolan halatynda pikir dargaýar we bilmeklik prossesi kynlaşýar. Formal-logiki gapmagarşylyksyzlyk kanuny görkezýär: - biri-biri bilen gabat gelmejek iki dürli görnüşli oýlanyşmanyň (pikir) barlygy we pikirleriň biriniň hökmany ýalňyşdygyny.

Biri-birini terk edýän pikirler, ikisem takyk bolup bilmeýär. Pikirlenmekligiň gapmagarşylyk däl kanunyny pikirlenmeklik gapmagarşylykly kanuny hem diýip kesgitleýärler.

iki sany dürli pikiriň biri çyn-takyk, beýlekisi bolsa ýalan-takyk däl bolup biler, iki sany takyk bolmadyk pikirleriň ikisi hem bir wagtda dogry bolup bilmez.

Oýlanşmada we pikirlerde hiç haçan gapmagarşylyk bolmaz, haçanda

- haçanda şol bir maddy zatda bir görkezijiniň, ýagny häsiýetnamanyň mahsusdygyny tassyklap, beýleki görkezijiniň bolsa onda ýokdygyny tassyklamasaň;
- haçanda dürli zatlar barada gürrüň gitse, onda gapmagarşylyk bolmaz;
- özüň haçanda dürli wagtda käbir zatlary tassyklaýarsyň, kä bir zatlary bolsa tassyklamaýarys;
- haçanda şol bir zat (maddy gymmatlyk) dürli tarapdan seredilen halatynda.

**Hakykatda :**

**1.** Formal-logiki gapmagarşylykly oýlanşmaklyk, ýagny bu bulaşyk, yzygiderli däl oýlanşmaklykdyr.

**2.** Dialektiki oýlanşmaklyk, bu bolsa düýp manyly, ösüşli oýlanşmaklykdyr.

**Tejribede gapmagarşylyk (gapmagarşylyk däl) kanuny ulanylmaklyk adamlara öz pikirleriňde we kesekiniň pikirlerinde hem-de hereketlerinde gapmagarşylygy, näsazlygy, yzygiderli däldigi ayyrmaklyga kömek edyär.**

Dürli işler seljerilende **diller yeke hakyky bolmalydyr we gabat gelmelidir.**

**III. Üçünji pikire orun bolmazlyk kanuny (zakon isklyuçonnogo tretyego).**

Bu kanun yeke gabat gelmeýän oýlanşmalar üçin hereket edýär, ýagny iki sany deň bolmadyk pikirleriň, şol bir wagtda ikisiniň hem ýalan bolmagy mümkin däldir. Ol pikirleriň haýsyda bolsa biri hökmany dogry bolmalydyr.

Şekilleriň (formulanyň) kömegi bilen düşünsek: **Pv>P**

**P- öňe sürülýän dürli pikirleň >- pikiri terk etmeklik**

**v- (ýa-da) - diýen manyny berýär, orta dizyunksiya şekili diyilýär.**

Bu kanun pikirleriň biri biri bilen gapmagarşylygyna ýol bermeýär. Egerde bir **pikir yalňyş bolsa,** onda **beylekisi hökmany dogrydyr-takykdyr,** ýagny **üçinji görnüşi bolup bilmez.**

Bu kanyn takyk-dogry pikirlenmeklige ugur görkezýär. Kanun iki dürli pikiriň aýratynlygyna

garamazdan ikisini hem dogry ýada ýalňyş diýip kesgitlemeýär.

IV. Ýeterlik esas kanuny (dostatoçnogo osnowaniýa)

Bu kanun pikirleriň esaslydygyny we subut edilendigini görkezýär. Dürli pikirler egerde esasly bolsa, onda olar takyk we dogry diýip hasaplanylýar.

Adamlaryň tejribesi az bolan halatynda, onda olar başga adamlaryň tejribesine esaslanýarlar we salgylanýarlar.

Pikir yeterlikli esasly diýip hasaplanylýar, haçanda başga takyk, barlanan pikir bilen esaslandyrylan halatynda.

Şekilleriň (formulanyii) kömegi bilen düşünsek: P-g

**P-esas**

**g- dowamy, netijesi, esasdan gelip çykýan many-mazmun we pikir.**

**Logiki pikirlenmekligiň aýratynlygy esaslandyrmaklyga mümkinçilik döredýär.**

Bu hukukçylaryň tejribesinde örän zerurdyr, ýagny işi seljermeklik, ýöretmeklik we kazyýetiň çözgüdini çykarmaklyk hökmany esaslandyrylan bolmalydyr.

Logika ylmyny öwrenmeklik her bir ýolbaşçy üçin hem möhümdir. Wajyp çözgütler kabul edilende, seljerme we çaklama işleri geirilende hem logikanyň kanunlary her bir pikiriň, işin takyk bolmagyna ýardam edýär.

**Logika** – munuň özi dogry pikirlen usullary, amallary we kanunalaýyklary hakyndaky ylymdyr.

Logika ylmy dogry pikirlenmäniň görnüşlerini we kanunlaryny öwrenýär. Pikirlenmek adamyň beynisiniň işidir. Zähmet adama haýwanlaryň arasyndan saýlanmaga mümkinçilik berip, adamlarda aňyň (şol sanda pikiriň) we

diliň döremegine esas bolupdyr. Pikir dil bilen aýrylmaz baglanyşykly. Dil pikiriň gös-göni hakykylygy. Köpçülikleýin zähmet işiniň dowamynda adamlarda sözleşmäge we öz pikirleriňi biri-birine geçirmäge zerurlyk döräpdir. Onsuz köpçülikleýin zähmet işini gurnamak mümkin däl.

Diller tebigy we emeli dillere bölünýärler. Tebigy ýa-damilli diller - bu jemgyyetde taryhy emele gelen sesli (söleyiş), soňra hem graňki (hat) maglumat belgi ulgamy. Ol adamlaryň material-tejribe işinde toplanan maglumatlary berkitmek we geçirmek üçin sosial we adamlaryň arasynda sözleşmäge bolan mätäçligi kanagatlandyrmak üçin döredi. Tebigy diller özleriniň baý aýdyň mümkinçilikleri we durmuşyň dürli ugurlarynyň hemmetaraplayyn tutumy bilen tapawutlanýar. Tebigy diliň wezipeleri köp sanly we köp taraply. Dil - adamlaryn gündelik, ylmy we tejribe işleriniň sözleşiginiň guraly. Dil toplanan bilimleri, tejribe başarnyklaryny we durmuş tejribesini bir nesilden beýleki bir nesle geçirmäge, ösüp gelýän nesli okatmak we terbiýelemek işini amala aşyrmaga mümkinçilik berýär.

Dil belgili maglumat ulgamy, adamyň ruhy işiniň miwesi bolup durýar. Toplanan maglumat diliň belgileriniň (sözlerin) kömegi bilen geçirilýär. Dilde dine umumylyk bar. Her bir söz (sözleyiş) eýýam umumylaşdyrýar... Duygy hakykylygy görkezýär; pikir we söz -umumylygy.

Pikiriň kanunlary we görnüşleri logikanyň öwrenýän predmeti hökmünde ideal obýekt bolmak bilen, dilde material görnüşe eýe bolýar we diňe dil kontekstleriniň ýörite seljeriş ýoly arkaly ýüze çykarylyp bilinýär.

Diliň esasy wezipelerine we düzümine, şeyle-de logikanyň diliňiň aýratynlyklaryna gysgaça seredeliň.

Dil diýlip sözüň giň manysynda maglumaty döretmek, saklamak we geçirmek wezipesini ýerine ýetirýän we adamlaryň özara gepleşmeginiň guraly hökmünde çykyş edýän islendik belgi maglumat ulgamyna aýdylýar. Dil dolulygyna üç nukdaýnazardan: sintaksis, semantika we pragmatika tarapdan seljerýän aýratyn ylym - semiotika (belgiler ulgamynyň umumy taglymaty) tarapyndan öwrenilýär.

Sintaksis - bu diliň gurluşyny öwrenýän semiotikanyň bölegi: döreýiş, öwrüliş we belgileriň arasyndaky baglanyş usullary. Semantika interpretasiýanyň meseleleri, ýagny belgileriň we bellenen obyektleriň arasyndaky aragatnaşygy seljermek bilen meşgullanýar. Pragmatika diliň kommunikatiw wezipesini - dili göterijiniň diliň özüne duyguly-psihologiki, estetiki, ykdysady we beyleki tejribe ähmiýetli gatnaşygyny seljerýär.

Diller tebigy we emeli dillere bölünýärler.

Tebigy ýa-da milli diller - bu jemgyýetde taryhy emele gelen sesli (gepleşik), soňra hem grafiki (hat) maglumat belgi ulgamy. Olar adamlaryň material-tejribe işinde toplanan maglumatlary berktimek we geçirmekde durmuş mätäçligini kanagatlandyrmak hem-de adamlaryň özara sözleşmek mätäçligini kanagatlandyrmak üçin döredi. Tebigi diller baý düşündiriş mümkinçilikleri we durmuşyň dürli ugurlaryny hemmetaraplayyn gurşayanlygy bilen tapamıtlanýar.

Emeli diller - bu ylmy we beyleki maglumatlary anyk we tygşytly geçirmek üçin tebigy dilleriň ulgamynda

yörite döredilýän kömekçi belgi ulgamydyr. Olar öz serişdeleri arkaly düzülmän, başga, düzgün boyunça tebigy dilleriň ýa-da ozal gurlan emeli dilleriň düzülýär. Başga dili gurnamagyň ýa-da öwrenmegiň guraly hökmünde çykyş edýän dile metadil, ikinjisine bolsa, dil-obýekt diýilýär. Şunda metadil dil-obyekt bilen deneşdireniňde has baý düşündiriş mümkinçilikleri bilen tapawutlanmaly.

Emeli diller berkligiň dürli derejelerinde häzirki döwrüň ylmynda we tehnikasynda giňden ullanylýar: himiya, matematika, teoretiki ňzika, hasaplayyş tehnikasy, kibernetike we başgalar. Emeli berkidilen dil logika ylmynda hem pikir gurluşyny teoretik seljermek üçin ullanylýar.

Häzirki zaman ligikasynda umumy kabul edilen predikatlaryň logiki dili diýlip atlandyrylýan bolup durýar. Bu diliň gurluş we düzüm prinsiplerine gysgaça seredeyliň.

Tebigy diller seljerilende pikiriň logiki görnüşini yüze çykarmak üçin dil düşündirişiniň many we semantiki häsiýetnamalary wajyp ähmiýete eýedir. Onuň esasy semantiki derejeleri: predmetleriň ady, taraplaryň ady, teklipler.

Predmetiň atlary - bu predmeti aňladýan aýratyn söz ýa-da söz düzümi.

Atlar dildäki predmetleriň şertli wekilleri bolup çykyş edip, iki manyda bolýarlar. Şu at degişli bolan predmetleriň köpüsi onuň predmet ähmiýetini düzýärler we denotat diýlip atlandyrylýar. Diňe oňa mahsus taraplaryny görkezmek ýoly arkaly predmetleriň köpçüliginiň kömegi bilen bölünýän täre onuň many ähmiýetini düzýärler we konsept ýa-damany diylip atlandyrylýar.

Atlar düzümi boýunça başga atlary goşmaýan ýönekeý (hukuk) we başga atlary goşyan çylşyrymly (dünýäde in çuň köl) atlary tapawutlandyrýarlar. Atlar denotat boýunça birlik we umumy bolýarlar. Birlik atlar bir predmeti aňladýarlar we dilde hususy atlar (Zelili) ýa-da suratlandyrma (Aziyada in uzyn derya) hökmünde getirilýär. Umumy at köp, bir predmetden artyklygy anladýar; dilde ol jyns (kanun) at ýa-das uratlandyrma (Aziyada yslam döwleti) hökmünde getirilýär.

Tarapyny we gatnaşygyny aňladyan diliň aňlatmasyna predikator diyilýär. Sözlemlerde olar adatça işligiň roluny ýerine yetirýärler (meselem, "okamak", "geplemek", "bökmek", "tertipli bolmak" we başgalar). Agzalan predikatow degişli atlaryň sanyna onuň ýerligi diyilýär.

Aýratyn predmetlere degişli taraplary aňladyan predikatorlar biryerli diyilýär (meselem, "yaşyl ot"), iki ýa-da ondan hem köp predmetleriň arasyndaky gatnaşygy aňladyan predikatorlara köpýerli diyilýär. Meselem, "halamak" predikatory ikiýerlä degişli (“Aman okamagy halaýar”), emma “sylaglamak” – üçýerlä (“Döwlet hünärmenleri sowgat bilen sylaglaýar”)

Sözleyiş dilden ýa-da ýazmaça, sesli ýa-da sessiz (meselem günler yaly), daşky (başgalar üçin) ýa-da içki, tebigi ýa-da emeli diliň kömegi bilen aňladylan bolup bilýär. Esasynda emeli dil ýatan ylmy diliň kömegi bilen, pelsepäniň, şol sanda dialekt logikanyň we ähli şahsy ylymlaryň - taryhyň, geografiyanyň, arheologiýanyň, geologiyanyň, medisinanyň ("diri" milli dil bilen bir hatarda häzirki "öli" latyn diliňi hem ullanyan) hem-de köp sanly beyleki ylymlaryň ýagdaýlary düzgünleşdirilen.

Dil - bu diňe bir sözleýişiň guraly bolman, eýsem islendik halkyň medeniyetini düzýän esasy bölegi. Meselem, rus dili häzir biziň ýurdumyzyň halklarynyň halkara sözleyiş guralyna öwrülip, GDA-nyň yurtlarynyň halkynyň milli medeniýetleriniň gülläp ösmeginiň we ýakynlaşmagynyň, dünýä ýaşaýşynyň baýlyklaryna birleşmegiň esasy sebäpleriniň biridir.

Tebygy dilleriň düzüminde ylmyň emeli dilleri döredi. Emeli diller - bu ylmy we beyleki maglumatlary anyk we tygşytly geçirmek üçin, tebigy dilleriň ulgamynda yörite döredilen emeli belgi ulgamy. Olar öz serişdeleriniň hasabyna düzülmän, başga bir, düzgün boýunça tebigy diliň ýa-da ozal gurlan emeli diliň kömegi bilen düzülýär. Olara matematikanyň, nyşanly logikanyň, himiyanyň, fizikanyň, şeyle-de häzirki zaman hasaplayyş maşynlarynda we ulgamlarynda giň ulanylyan EHM-lar üçin maksatnamalaryň algoritm dilleri degişli**.** Maksatnamalaryň dili diýip, EHM-da meseleleri çözmek işini suratlandyrmak üçin ulanylyan belgi ulgamyna aýdylýar.

**Temany özleşdirmek üçin mysaly soraglar:**

**1.** Logikanyň esasy kanunlary nämeden ybarat?

**2.** Logikanyň esasy kanunlary?

**3.** Logika ylymyny ösdürmekde Aristoteliň, Platonyň, Sokratyň, Çeçeliň we Kantyň roly.

**4.** pikiriň dil bilen beýan edilişine bolan düşünje.

**5.** Logiki pikirlenmekligiň aýratynlyklary nämeden ybarat?

**6.** Sözlemiň gurluşy we logiki pikirlenmegiň esaslary?

**7.** Dil we onuň logiki pikirlenmekdäki aýratynlyklary? (ähmiýeti)

## Tema №3. Düşünje. Düşünje pikirlenmegiň formasy hökmünde kesgitlemek sungaty

1. Düşünje pikirlenmäniň formasy hökmünde.
2. Düşünjäni emele getirmegiň esasy tärleri.
3. Düşünjeleriň göwrümleri we mazmunlary.
4. Düşünjeleriň görnüşleri.
5. Düşünjeler arasyndaky gatnaşyklar.
6. Düşünjeleri bölmek.

Pikirlenme - materiýanyň önümi, adamyň beýnisiniň alamaty. Pikirlenmäniň aýratynlygy onuň dil bilen baglylygyndadyr. Dil pikiriň maddy taýdan ýüze çykyş formasydyr. Dil bilen pikirlenme bir wagtda ýüze çykypdyr diýip alymlar belleýärler. Dil şahsyýetara gatnaşyklarynda möhüm serişdedir.

Tebigy diliň esasynda emeli dil hem ýüze çykýar, belgiler.

Pikirlenmekligiň ähmiýetli taraplary, ýagny adam pikirlenmäniň kömegi bilen onuň degri-daşyny gurşap alýan zatlara çuň akyl ýetirýär. Adamlar dünýä 3 formada akyl ýetirýärler:

1. Ten duýgulary arkaly akyl ýetirmeklik.
2. Pikirlenmek arkaly akyl ýetirmeklik.
3. Tejribäniň üsti bilen akyl ýetirmeklik.

Ten duýgulary arkaly akyl ýetirmeklik:
Duýgy (oşuşeniye) - gaty, ýumşak, reňki, tagamy;

Kabul etmeklik (wospriýatiýe)- öwrenýän zadymyzyň bitewi obrazyny, ýagny şekilini döretmeklik;
Göz öňüne getirmeklik (predstawleniye)- görýän, duýýan, syzýan, eşidýän zatlarymyzyň kopiýasyny adamyň beýnisi özüne kabul edip alýar we soň birwagt bolsa ony janlandyrýar. Bu göz öňüne getirmeklik bolýar.

**Pikirlenmekligiň 3 görnüşi (formasy) bar:**

1. **Düşünje (ponyatiye);**
2. **Pikir ýöretme (suzdeniye);**
3. **Akyl netije (umozaklýuçeniye).**

**Düşünje**-öwrenýän zadymyzyň möhüm alamatyny bilmeklige aýdylýär. Mysal üçin: Adam-esasy alamaty onuň pikirlenip bilmegdir.

**Pikir ýöretme-** bir pikiri tassyklaýar ýa-da inkär edýär.

**Akyl netije -** bir ýa-da aýry pikir ýöretmeden täze pikir ýöretme ýüze çykýar.
Adamlar tarapyndan aýdylan pikirler düşünjeler görnüşde bolýarlar.
Düşünje öwrenilýän predmetlerdäki (maddy zatlardaky) we hadysalardaky möhüm alamaty belläp bilmeklikdir.
**Alamat** – bir zady ikinji zatdan tapawytlandyryp görkezýär, bir zadyň
beýlekä meňzemeýändini görkezýär.
**Alamat iki topara bölünýär:**

1. **Möhüm alamat;**
2. **Möhüm däl alamat.**

Adamlaryň köp dürli alamatlary bar, olardan adamyny beýleki jandarlardan tapawutlandyrýan zat, ýagny adam edýän zat onuň pikirlenip bilýändigidir. Düşünjeleriň maddy esasy-sözlerdir.
**Söz** gramatikanyň termini. Söz zatlaryň düýp manysy bilen bagly däl. Düşünje logikanyň termini. **Düşünje** zatlaryň düýp manysy bilen bagly.

Adamlaryň daşyny gurşap alýan zatlar barada **täze düşünjeler**, olaryň aňynda zatlar seljerilende, **deňeşdirilende**, **umumylaşdyrylanda, sintezlenende, howaýylaşdyrylanda (abstraktlaşdyrylanda)** döreýär. Olar düşünjäni emele getirmekligiň tärleridir.

**Seljerme (analiz)**-zatlary bölekläp öwrenmeklik.
**Sintez-** seljerme (analiz) esasynda öwrenilen zatlara bitewi bir düşünje döretmeklik.
**Deňeşdirme** usulyny ulanmaklyk zatlaryň oňat ýa-da erbet, peýdaly ýa-da peýdasyz taraplaryny bilmeklik üçin zerurdyr.
**Umumylaşdyrma-** indiwidual predmetden umumy düşünjäniň ýüze çykarylmagy.
**Abstragirleme-** öwrenýän predmetimizdäki häzirki wagtda biz üçin
zerur diýip, bölünip alnan zadymyza abstragirleme diýilýär.
**Düşünjeleriň mazmuny diýip**, pikirde göz öňüne getirilýän predmetleriň möhüm alamatlarynyň jemine aýdylýar.
**Düşünjäniň göwrümi diýip**, pikirde göz öňüne getirilýän predmetleriň

jemine aýdylýar.
Düşünjeleriň **mazmun**y hem-de göwrümi özara baglydyr we ters gatnaşykdadyr.
Düşünjeleriň **mazmuny** artdygyça göwrümi kiçelýär, ýa-da tersine bolýar.

**Düşünjeler göwrümi** taýdan:

**1.** Umumy- özünde köp sanly yalňyz we hususy düşünjeleriň alamatyny jemleýän düşünjä umumy diýilýär, ýagny özünde umumy alamatlary jemleýär - **jyns, dereje.** Yalňyz düşünje-aýratyn bir predmete mahsus bolan alamatlary özünde jemleýän düşünje. **Mysal: Aşgabat şäheri.**

**2.** Çäklendirip bolýan. Göwrüminiň näçedigini anyklap, hasaplap bolýan düşünje. Mysal: Döwletiň ilaty (sany). Institutyň talyplary (sany).

**Düşünjeler mazmuny** taýdan:

**1.** Anyk we abstrakt. Anyk düşünje- pikirde predmet bitewi bir predmet hökmünde alynsa. Mysal: adam, bag, jay, stol we ş.m. Abstrakt düşünje- pikirde predmete degişli haýsyda bir alamatyň bölünip alnanda. Mysal üçin: gahrymanlyk, eder menlik, gorkaklyk.

**2**. Tersin we oňňyn.
Tersin - öz mazmunynda anyk alamatyň bardygyny görkezýär**. Mysal üçin: akylsyz, edepsiz.**
**Oňňyn-**öz mazmunynda nähili-de bolsa bir alamatyň bardygyny görkezýär.
**Mysal üçin: akyly, edepli**
**Mysal:** deňeşdirsek, onda **bilimli**-oňnyn düşünje; **bilimsiz** - tersin düşünje.

**Dowamy**
Düşünjeleriň arasynda operasiýalar bolup biler, ýagny düşünjeleri **goşmak, köpeltmek, çäklendirmek.**
**Goşma**k-iki ýa-dabirnäçe düşünjeleri birleşdirip, şolaryň hemmesinden häsýetli düşünj ani emele getirýäris.
**Köpeltmek-** iki sany düşünjäniň içinden biri-birine laýyk gelýän tarapyny gözläp tapmaklyk. **Mysal üçin:**

**A-alym**
**Byazyjy**

**I. Alym-yazyjy**
**RL. Talyp we sportsmen**.
Talyp spotsmen hem bolup bilýär. Sportsmen talyp hem bolup bilýär. **Çäklendirmek-**oňňyn gapma-garşylykly prossenine düşünjeleri çäklendirmek diýilýär. Umumy düşünjelerden ýalňyz mazmumy düşünjelerden emele gelýär. Düşünjeleri umumylaşdyrmak diýip, ýeketäkleýin, ýalňyz ýa-da az umumy düşünjelerden has umumy düşünjeleri emele getirseklige aýdylýar.
Düşünjeleri umumylaşdyrmagyň hem çäklendirmegiň hem öz çägi bar.
**Mysal üçin:**
**Has umumy düşünjeler:** kanun, kategoriýa.

**Deňeşdirip bolýan düşünjeler:**
1. Birleşdirip bolýan düşünjeler. Olar öz gezegine üç (3) topara bölünýärler:

- Deň göwrümli gatnaşykdaky, ýagny birmanyly-mazmuny taýdan tapawutlanýandygyna garamazdan biri-birine laýyk gelýän düşünjeler. (rawnoznaçnyýe);

- tabynlyk gatnaşykdaky düşünjeler, (podçinýaýuşiyesýä);

galtaşýan (atanaklaýyn gatnaşykdaky düşünjeler), (peresekaýuşiyesýä)

2. Birleşdirip bolmaýan düşünjeler.Olar öz gezeginde üç (3) topara bölünýärler:

-eýerjeňli gatnaşykdaky düşünjeler, özara tabynlykdaky düşünjeler (koordinasiýa); **Mysal üçin: Saz guraly-dutar, gyjak, tüydük. Her-bir düşünje aýry bolup, olaryň hemmesi üçin belli bir alamat bardyr (Ol saz guraly).**

-terslik gatnaşykdaky düşünjeler (protiwopolojnyýe, kotrastnyýe), ýagny iki sany düşünje bolup, biri-birini inkär edýärler. **Mysal üçin: Reňk**-olar **ak, gara. Madda-** olar gaty**, ýumşak we ş.m.**

-gapma-garşylykly gatnaşyklar (kontradiktornost), ýagny mazmunynda belli bir oňňyn alamatlaň bardygyny gökezýär. Beýleki bölegi bolsa öz mazmunyndaky oňňyn alamatly düşünjäni iňňkär edýär.

**Düşünjeleri bölmek**.

Düşünjeleriň göwrümi bilen bagly bolup, **düşünjeleri ýalňyz we az umumy düşünjelere bölüp bolýar.**

**Mysal üçin:**

**Student**-bu düşünjäni bölsek- **ýaşy, milleti, ýaşlar guramasynyň agzasyna degişliligi ýaly görkezijiler**

**boýunça bölüp bolýar we ş.m.** Her-bir düşünje bölünende **-iň ýakyn, iň möhüm, zerur alamatlary göz öňünde tutmaly.**

**Klassifikasiýa-** bölmegiň ýene bir görnüşidir. Bu predmetiň biri birine meňzeşligine we tapawudyna garap, belli bir sistema birleşdirilmeklikdir.

Klassifikasiýa iki hili bolýar:

**- Tebigy klassifikasiýa. Predmetleriň möhüm alamatlary göz öňünde tutulyp, bir sistema salynýar.**

**Mysal üçin:** l. Mendeleýewiň periodiki tablisasy, sistenasy.

2. Jemgyýetçilik-ykdysady formasiýalar. (gul eýeçiligi, feodalism, kapitalizm, sosializm).

**- Emeli klassifikasiýa. Predmetiň daşky alamatlary, formalary, ýüzleý alamatlary göz öňünde tutulýar.**

**Mysal üçin:** l. Zurnalda talyplaryň sanawy.
2. Kitaplaryň katalogynyň alfawit sistemasy.

**Düşünjeleriň kesgitlemesi.**

Düşünjäniň mazmunyny açyp görkezmeklige **kesgitleme diýilýär, ýagny zatlaryň möhüm alamatlaryny görkezmekdir.**

Kesgitleme bu çylşyrymly logiki prosses bolup, logiki pikir ýöretme
hökmünde bilinýär.

**S-P-dir.**

**S**-subýekt bu kesgitleme berilmeli zat.

**P-** predikat bu kesgitlenýän zat.
Islendik kesgitleme habar sözlemi görnüşde berilýär.
Adamlaryň gündelik durmuşynda kesgitlemeler giňden ulanylýar.
Logiki taýdan **kesgitlemeler dogry**, ýa-da nädogry bolýarlar.
Kesgitlemeler düşünjäniň mazmuny bilen baglydyr.
**Kesgitleme bermekligiň kadalary bar.**

I. **Kesgitleme olçegden ybarat bolmaly.** Ýagny egerde
kesgitleme düşnükli bolsa, onda ol olçegden kesgitlemedir.

Kesgitlemek bilen meňzeş usullar hem bar: beýan etmeklik, häsiýetlendirmeklik, düşündiriş we ş.m.
**Mysal üçin:**
**Zähmet gurallaryny döredip bilýän we pikir yöredip bilýän janly jandar -bu adam diýilse düşnüklidir.**

II. **Kesgitlemede öwrüm bolmaly däldir.**

Islendik zada kesgitleme bersek, onda soň kesgitlemäniň prossesinde şol bir söz gaýtalanmaly däldir.
Eger-de bu kada bozulsa onda oňa **tawtologiýa diýilýär**.
**Durmuşda kä halatlarda Predmetlere, hadysalara kesgitleme berilende, şol bir zady gaýtalaýarys, ýagny tawtologiýany ulanýarys.**
Sapagyna taýýarlanman gelen okuwçynyň, ýa-da talybyň jogaby muňa mysal bolup biler.

**III. Kesgitleme diňe bir pikir ediji formada bolmaly däldir.**

**Kesgitleme tassyklaýjy we innkär ediji formada bolun biler.**
Durmuşda tassyklaýjy pikir ýöretmäniň roly ulydyr. Yöne hemişe tassyklaýjy formada kesgitleme berip bolanok, sebäbi bu oran kyn prossesdir:
Gözegçilik etmeli, synlamaly, seljermeli we köp faktlary deňeşdirmeli.
Öwrenýän zadymyz bir durşuna durmaýar, ol hemişe özgerýär, ütgeýär we ösýär.

**IV. Kesgitleme anyk we aydyn bolmalydyr.**

Kesgitleme berlende sözleriň manysy anyk bolmaly, sonuň üçin **terminler ulanylýar.**
**Termin- kesgitli, anyk bir manysy bolan düşünjedir.**
Tejribede kesgitleme berjek zadyňy doly öwrenmeli.

**Kesgitlemeleriň görnüşleri:**
**1. Nominal (latyn sözi- nomen-at) kesgitleme -ol ýa-da beýleki sözüň manysyna, adyna düşündiriş bermekdir.**
**Mysal üçin: Teleskop-**bu asman jisimlerine gözegçilik etmeklik üçin ýasalan guraldyr.;
**2. Genetiki ( grek sözünden "genezis", ýagny gelip çykyş, çeşmesi diýen manyny berýär) kesgitleme - ol ýa-dabeýleki zadyň gelip çykyşyna kesgitleme bermeklikdir.;**

**3. Real (zatlaryň möhüm alamatyny görkezýän kesgitleme) kesgitleme.**
**Mysal üçin: Leksikologiýa**-sözün düzümini öwrenýän ylymdyr.
**Adam**-pikirlenip we önüm öndürip bilýän jandardyr.
**Ýalňyz we umumy alamatlaryny görkezip kesgitleme bermegiň formulasy.**

**A**-(kesgitleme berilýän zat)-Bs (aýratyn, indiwidual alamatlary) A-kesgitlenýän düşünje; **B**-kesgitleýji düşünje; **S**- kesgitleýji düşünjänin tapawutly tarapy.

**Umuman kesgitleme adamlaryň gündelik durmuşynda ulanylýär**. Ylym kesgitlemesi ösüp bilmeýär diýip alymlar belleýärler. Sebäbi kesgitleme biziň bilimlerimizi umumylaşdyrýar.

**Kesgitlemeler** (opredeleniýalar-definisiýalar) biziň pikirlerimizi gysga görnüşde aýtmagymyza ýardam edýär. Ol pikiriň anyk aýdylmagynyň täridir. Şonurň ýaly-da ylmyň dürli ugurlarynda gabat gelýän **formulalara, belgilere, shemalara düşünmekligiň-de täridir (sposoby).**

**Kesgitleme berilýän zat barada giňşleýin düşünje aljak bolsaň,**
ol zat barada köp gyzyklanmaly we has köp maglumat almaly. Kesgitlemeler wagytlaýyndyr, sebäbi hemme zatlar üýtgäp dur.

**Logiki pikirlenmek**-bu takyk we yzygider pikirlenip, öz oýlanmalarynda gapma-garşylyklara ýol bermezlik, logiki ýalňyşlyklaryň üstüni açmagy başarmakdyr.Pikirlenişiň şu häsiýeti ylmy we praktiki işleriň ählisinde, şol sanda ýuristiň işinde hem zerurdyr.

Berk logikanyň bolmadyk, yzgidersiz we gapma-garşylykly oýlanmalar işi anyklamaga päsgel berýärler, hatda olar nädogry hökümiň çykarylmagyna hem getirip biler.

Logikany bilmektik ýuriste logiki gurnalan, gowy argumentirlenen sözi (reç) taýýarlamaga, jebir çekeniň. Şaýadyň, aýyplanýanyň görkezmelerinde gapma-garşylyklary ýüze çykarmaga, öz garşydaşlarynyň esassyz sebaplerini ret etmäge, yzgider we esasly resmi dokumentleri düzmäge we b. kömek eder.

**Düşünjäniň umumy häsiýeti.**

Predmetiň alamatlary. Düýpli we düýpsiz alamatlar.

Predmetiň alamaty- diýip, predmetleriň biri birine menzeşligine ýa-da olaryň tapawudyna aýdylýar.

Predmeti nähilidir bir häseýetlendirýän, onuň islendik häsiýeti, ýagdaýy ony saýlaýan bolsa, beýleki predmetleriň arasyndan tanamaga kömek edýän bolsa, ol onuň alamatydyr. Alamat diňe bir häsiýet bolmaýar, şol häsiýetiň bolmazlygy hem alamat hökmünde seredilýär. Meselem, ýolagçyda servelediň bolmazlygy ýa-da jenaýatçyda ýaragyň bolmazlygy, eýesiz emlägiň alamaty- onuň hususyýýetçisiniň ýoklugy ýa onuň belli däldigidir.

Islendik predmetiň birnäçe dürli alamatlary bar. Şolaryň biri aýratyn predmeti häsiýetlendirýär, oňa ýeke-

täk alamat diýilýär, beýlekiler predmetleriň kesgitli toparyna degişli, olara umumy alamat diýilýär.
Meselem, her bir adamyň alamatlary bolýar, şolaryň biri diňe şol adama degişli bolup, ony beýleki adamlardan tapawutlandyrýar (yüzi. beden gurluşy, yöreýşi, žestleri, mimikasy, aýratyn alamatlary).Adamlaryň kesgitli topary üçin umumy bolan alamatlar bar (kar, millet, sosial degişliligi). şeýle-de ahli adamlar üçin umumy bolan alamatlar bar. Olar her bir adama mahsus we ol adamy beýleki janly-jandarlardan tapawutlandyrýar. Oňa şular girýär: zähmet serişdesini döretmeklik ukyby, abstrakt pikirlenmek ukyby.

Ýeke-täk (indiwidıal) we umumy alamatlardan başga-da, logiki düýpli we düýpsiz alamatlar tapawutlandyrylýar.

Predmetlere zerur degişli bolan, onuň içki tebigatyny aňladýan, onuň mazmunyny görkezýän alamatlara düýpli diýilýär. Predmete degişli bolubam, bolmanam bilyän, onuň mazmunyny aňlatmaýan alamatlara düýpsiz diýilýär. Düýpli alamatlar düşünjäniň emele gelmegi üçin aýgytly rol oýnaýarlar. Düşünje predmetleri umuman, ýeke-tägem bolup bilyän düýpli alamatlarda suratlandyrýar.

Birnäçe predmetleri suratlandyrýan düşünjä umumy düýpli alamatlar girýär.Meselem, adamyň umumy alamaty (zähmet serişdesini döretmek ukyby) şeýle-de düýplidir. Bir predmeti suratlandyrýan dňşünje (meselem. „Aristotel") -umumy düýpli alamatlar bilen bir hatarda (adam, gadymy grek filosofy) ýeke-täk düýpli alamaty hem (logikany esaslandyryjy, „Analitikanyň" awtory) öz içine alyp, onsuz

Aristoteli beýleki adamlardan hem-de gadymy grek filosoflaryndan tapawutlandyrmak mümkin däl.

Düýpli alamatlarda predmetleri suratlandyrmak bilen düşünje duýup aň ýetirmegiň formalaryndan hil taýdan tapawutlanýar: aýratyn predmetleriň aýdyň obrazlary görnüşde adamyň aňynda bar bolan kabul edişden we göz öňüne getirişden tapawutlanýar.Meselem, binany göz öňüne getirip, şeýle-de kabul edip bilmeýäris. Kabul etme ýa göz öňüne getirme -bu haýsydyr bir binanyň, meselem. Uniwersitetiň duýulýan- görülýän obrazydyr. Düşünjede görnetinlik (aydyňlyk) ýok."Bina" düşünjesi aýratyn binalaryň ýeke-täk alamatlarynyň ýoklugy bilen häsiýetlendirilýär, onda islendik bina zerur mahsus bolan, umumy alamatlar surallandyrylýar.

Düşünje predmetleriň düýpli alamatlarynyň esasynda meňzeş predmetleriň köplüginiň umumylaşdyrmasynyň netijesidir. Şeýlelikde, düşünje-bu predmetleri olaryň düýpli alamatlary bilen suratlandyrýan pikirlenişiň formasydyr.

Düşünje- hakykata ylmy aň ýetirmegiň esasy formasynyň biridir. Düşünjäni formirläp, ylym olarda öwrenilýän predmetleri, hadysalary, prosesleri suratlandyrýar. Meselem, hukuk ylymlary „jenaýat", „jeza", „güna", ..niýet", „hukuk ukyplylyk" ýaly düşünjeleri emele getirdi.

Düýplileri suratlandyryp, düşüne predmetleriň indiwidual alamatlarynyň ähli baýlygyny özünde saklamaýar, sonuň üçinem, ol duýup aň ýetirmegiň kabul ediş we göz öňüne getiriş foramalaryndan galypdyr. Ýöne düýpsize, duýdansyz garanda, olar hakykata has çuň aralaşmaga, ony has doly suratlandyrmaga mümkinçilik

berýär, bu duýup aň ýetirmä mahsus däl (düşünje -kitapda okan zadyň, duýup aň ýetirme bolsa- gören, eşiden zadyň).

**Düşünjäniň emele gelmeginiň logiki tilsimler**i

Düşünjäniň emele gelmegi üçin predmetiň düýpli alamatlaryny saälamak zerur . Yöne düýpliler gömüp duranok. Ony tapmak üçin predmetleri bir-birleri bilen deňleşdirmeli, olara mahsus umumylygy, indiwiduallygy bellemeli we b. Bu logiki tilsimleriň üsti bilen gazanylýar: deňeşdirme, analiz, sintez, abstragirleme we umumylaşdyrma.

Predmet barada düşünje düzmek üçin,ilki bilen bu predmeti beýleki predmetler bilen deňeşdirmeli, ony bir predmet bilen meňzeş edýän we beýleki predmetlerden tapawutlandyrýan alamatlary tapmaly.Hakykatyň predmetleriniň meňzeşligini ýa tapawudyny kesgitleýän logiki tilsime **deňeşdirme** diýilýär. Predmetiň alamatlaryny saýlamak üçin predmeti hyýalynda onuň düzüm böleklerine,elementlerne, taraplaryna bölmek zerur. Predmetleriň hyýalynda düzüm böleklerine bölünmegine analiz diýilýär. Şol ýa-da beýleki alamatlary saýlap biz olaryň her haýsyny aýratynlykda öwrenip bilýäris.

Aýratyn detallary öwrenip, hyýalyňda predmeti bitewi etmek zerur. Analizde bölünen predmetiň bölekleriniň hyýalynda birikdirilmegine **sintez** diýilýär. Sintez analize garşy gelýän tilsimdir. Bu tilsimler biri-biriniň üstüni dolýar. Analiziň kömegi bilen predmetiň alamatlaryny saýlap, biz bu alamatlaryň birleriniň düýpli mazmunynyň barlygyny, beýlekileriniň bolsa, onuň ýaly däldigini anyklaýarys. Öz ünsümizi düýplide jemläp, biz düýpli dälden abstragirlenýäris. Predmetiň aýratyn

alamatlarynyň hyýaly saýlanylmagyna we beýleki alamatlardan ünsüňi sowmaklyga **abstragirleme** diýilýär.

Öwrenilýän predmetleriň alamatlaryny biz ähli meňzeş predmet üçin ulanyp bilýäris. Bu operasiýa **umumylaşdyrmak** ýoly bilen, *ýagny aýratyn predmetleriň olara mahsus bolan birmeňzeş häsiýetleriniň esasynda bir topara birikdirilmek* tilsimi bilen amala aşyrylýar. Umumylaşdyrmaň kömegi bilen, aýratyn predmetlerden ýüze çykarylan düýpli alamatlar şu düşünjä birikdirlen ähli predmetleriň alamaty hökmünde seredilýär.

Şeýle-de, biz abstrakt pikirlenşiň esasy formasy-düşünjäni emele getirýäris.

**Düşünje we söz.**

Düşünje dil birligi- söz bilen aýrylmaz baglydyr, düşünje sözlerde we söz düzümlerinde aňladylýar we berkidilýär, meselem: ,,hukuk", „kanun", ,,bile gatnaşma" we b. Sözler düşünjäniň maddy dil esasy bolup, onsuz olaryň formirlenmegem, operirlenmegem mümkin däldir. Yöne dilin we pikirlenşiň, sözüň we düşünjäniň birligi olaryň meňzeşligini aňladmaýar. Düşünjeden tapawutlylykda sözler ähli dillerde dürlidir: şol bir düşünje dürli dillerde dürliçe aňladylýar. Şeýle-de, bir dilde düşünje we söz meňzeşligi ýok. Meselem: islendik dilde sinonim sözler we omonim sözler bar.

*Sinonim* diýip,öz manylary boýunça ýakyn ýa meňzeş, şol bir düşünjäni aňladýan, ýöne manysynyň ýa stilistik öwüşgini bilen biri-birinden tapawutlanýan sözlere aýdylýar. Meselem, „zähmet" we ”iş", ,,watan" we „ýurt", „şertnama" we „kontrakt" we b. Omonim-bu aýdylşy boýunça gabat gelmeýän, bir formada ýazylan, yöne dürli düşünjäni aňladýan sözlerdir. Meselem: pil.

Köp sözleriň birnäçe manysy bar. Sözleriň köpmanylylygy (polisemiýa)düşünjeleriň garylmagyna getirýärler. Ol hem bolsa, oýlanmalarda ýalňyşlyga eltýär. Şonuň üçinem, soň ony berk kesgitli manyda ulanmak üçin, sözüň manysyny takyk kesgitlemek zerur.

Ylymyň we tehnikanyň dürli ugurlarynda yörite terminologiýa - bilimiň kesgitli ugrunda ulanylýan (erminleriň ulgamy düzülýar. Termin-bu berk kesgitli düşünjäni aňladýan we iň bolmanda, şol ylymyň ýa oňa ýakyn ylymlaryň çäginde birmanylyk bilen häsiýetlendirilýän sözdir ýa söz düzümidir. Terminologiýanyň işlenilip düzülmegine we takyklanylmagyna hukuk ylymlary hem uly üns berýar. Meselem, jenaýat iş-yörediş kodeksinde „kazyýete", „prokurora", „sülça" we beýleki terminlere düşündiriş berilýär. Bu hukuk terminleriň bir manyda ulanylmagyna mümkinçilik berýär.

## Düşünjäniň mazmuny we möçberi. Klas (köplik)

Islendik düşünjäniň mazmuny we möçberi bar. Düşünjäniň mazmuny diýip, şu düşünjede pikir edilýän predmetiň düýpli alamatlarynyň jemine aýdylýar. Meselem „,jenaýat" düşünjesiniň mazmuny onuň düýpli alamatlarynyň jemi, ýagny etmişiň jemgyýet üçin howply häsiýeti, hukuga garşylygy, günalilik we jezalylyk düzýär.

Düşünjede pikir edilýaä prtedmetleriň jemine düşünjäniň möçberi (obyomy) diýilýär. Meselem, „jenaýat" düşünjesiniň möçberi ähli jenaýatlary öz içine alýar, sebäbi olaryň umumy, düýpli alamatlary bar.

Düşünjäniň mazmuny we möçberi biri-biri bilen berk baglydyr. Bu baglanyşyk düşünjäniň möçberi bilen mazmunynyn arasyndaky tersleýin gatnaşyk kanunynda anladylyp, bu kanuna görä, düşünjäniň mazmunynyň ulalmagy az möçberli düşünjäniň emele gelmegine getirýär we,tersine.Meselem, „döwlet"düşünjesiniň mazmunyny täze alamat goşmak ýoly bilen,ýagny- „hazirki zamany" goşmak bilen ulaltsak,biz „hazirki zaman döwlet" düşünjä geçeris, onuň bolsa birinjä garaňda möçberi kiçi . Düşünjäniň möçberini ulaltsak.,.döwlet we hukuk taglymaty boýunça okuw kitaby", onda biz „okuw kitaby"düşünjesine geçýäris. Onuň bolsa mazmuny az, çünki ol döwlet we hukuk taglymaty boýunça okuw kitabyny häsiýetlendirýän alamatlary özünde jemleýär. "Jenaýat" we „hojalyk jenaýatlary" düşünjelerinde birinji möçberi boýunça giň,yöne mazmuny dar, „baş prokurar" we „prokuror"- birinji düşünjäniň möçberi dar, yöne mazmuny giňdir. Logika,şeýle-de. ..klas" (köplük), „podklas" we „klasyň elementi" düşünjelerini ulanýar. **Klas(köplük)**- bu birnäçe umumy alamaty bolan predmetleriň kesgitli jemidir. Meselem, ýokary mekdepleriň, talyplaryň, ýuridik kanunlaryň, jenaýatlaryň klasy we b. Predmetleriň kesgitli klasyny öwrenmegiň esasynda, bu klas baradaky düşünje emele gelýär. Meselem, ýuridik kanunyň klasynyň öwrenmegiň esasynda ýuridik kanunyň düşünjesi emele gelýär. Klas öz içinde podklasy saklaýar. Meselem, talyplaryň klasy öz içine ýurist-talyplaryň podklasyny alýar, jenaýatyň klasy - betnebislikli jenaýatlaryň pod klasyny öz içine alýar.

Klas bilen podklasyň arasyndaky gatnaşygy „^" nyşany bilen aňladyp bolar. Meselem. A ^ B – ýagny A B-nyň

podklasydyr. Meselem, A-sülçiler bolsa, B-ýuristler bolsa, A B-niň podklasydyr.
Klaslar elementlerden ybarat. Klasyň elemnti- bu klasa girýän predmetlerdir. Meselem, ýokary mekdep köplüginiň elementi Magtymguly adyndaky TDU bolar, Azady adyndaky DDI we b.
Elementiň klasa bolan gatnaşygy „C" bellik bilen aňladylýar: AGB (A Bklasyn elementidir) Meselem, A-ýurist Amanow. B- ýuristler bolsa, onda A B klasyn elementi bolar.

Uniwersal klas, ýekelik klas we nul ya -da boş klasy tapawutlandyrýarlar. Öwrenilýän ugurda ähli elementlerden düzilen klasa uniwersal klas diýilýär. Meselem, Gün ulgamynyň planetalar klasy). Eger klas bir ýeke-täk elemntden düzülen bolsa, oňa ýekelik klas diýilýär (meselcm, Ýupiter planetasy). Bir elementi hem bolnadyk klasa boş klas diýilýär. Meselem, hemişelik dwigatel, albassy we b.

**Düşünjäniň görnüşleri.**

Düşünjäniň şu görnüşleri bar : 1) ýeke-täk we umumy; 2) anyk we abstrakt, 3) položitel we otrisatel,
4)garaşsyz we laýyk gelýän (garaşly) .

**l.**Düşünjeler pikirnelende olarda 1 element ýa köp element pikirlenilýänligine baglylykda ýeke-täk
we umumy düşüjelere bölünýär. Bir element pikirlenilýän düşünjelere ýeke-täk düşünjeler diýilýär
(meselem, „Aşgahıt". „Türkmenistanyn Ýokary kazyýeti" we b.). Köp element pikirlenilýän düşünjelereumumy diýilýar. Meselem. „paytagt". „kazyýet" we b.) Soňkyda umumy düýpli alamatlary bolan köp elementler pikirlenilýär.

Umumy düşüjeeler registrirlenýän we registrirlenmeýän bolup biler. Onda pikirlenilýän köp
elementleri hasaba almak mümkin bolan düşünjelere registrirlenýän düşünje hasaplanýar. Meselem,
„Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyjy", „Mejlisiň deputaty", „Gün ulgamynyň planetasy" –registrirlenýän düşünjeleriň gutanykly möçberi bolýar.
Predmetleriň kesgitsiz sanyna degişli bolan umumy düşünjelere registrirlenmeýän düşünjeler diýilýär. Meselem, „adam\ ..sülçi", „karar" düşünjeleriňde olarda köp pikirlenilýän elementleri hasaba almak mümkin däl; olarda ähli adamlar, sülçiler geçen, geljek, şu wagtky kararlar pikir edilýär. Registrirlenmeýän düşünjeleriň gutarnyksyz möçberi bolýar.

Bir bitewiligi düzýän elementleriň jeminiň alamatlary pikir edilýän düşünjelere ýygnalynýan düşünjeler diýilýär. Meselem, „kollektiw", „polk", „yyldyzlar". Bu düşünjelerem edil umumy düşünjeler ýaly elementleriň köplügini (kollektiwin agzalary, polkuň esgerleri we komandiri, ýyldyzlar) suratlandyrýar, yöne ýekelik düşünjelerdäki ýaly, bu köplük edil ýeke-täk bitewilik ýaly pikirlenilýär.Yygnalynýan düşünje umumy („kollektiw", „polk", „yyldyzlar") we ýeke-tak („biziň fakultetimiziň kollektiwi",„86-njy () alyjy polk", „uly ýedigen ýyldyzlary") bolup bilerler.
Oýlanyş prosesinde umumy düşünjeler aýratyn we ýygnalan manyda ulanyp bilner. Eger klasyň her bir elementi barada aýdylýan bolsa, onda aýratyn manyda düşünjäniň ulanylandygy bolýar,eger birlikde alnan elementleriň ählisi barada aýdylyp, elementleriň

aýratynlygynda ony ulanmak mümkin bolmasa, oňa ýygnalan manyda aýdylan hasaplanýar. Meselem, „Biziň fakultetimiziň talyplary logikany öwrenýär" diýlen pikir aýdylanda, biz „biziň fakultetimiziň talyplary" düşünjesini aýratyn manyda aytdyk, sebäbi bu fakultetiň her bir talybyna degişli. „Biziň fakultetimiziň talyplary teoretik konferensiýany geçirdiler" diýlende, bu ähli talyba degişli. Bu ýerde „biziň fakultetimiziň talyplary" dşünje ýygnalan manyda aýdylýar, sebäbi „her bir „ diýlen sözi bu ýerde ulanmak bolmaýar.

2. Öz suratlandyrýan zadyna laýyklykda, düşünjeler anyk we abstrakt düşünjelere bölünýar.Özbaşdak barbolan predmet ya predmetleriň jemi pikir edilýän düşünjelere anyk düşünjeler diýilyýär.Predmetinhäsiýeti ýa-da predmetleriň arasyndaky gatnaşyk pikir edilýän düşünjelere abstrakt diýilýär. Meselem, „kitap", „şaýat", „döwlet" - anyk düşünjeler, „batyrlyk", jogapkärçilik" - abstraktdyr we soňkylar öz-özlerinden bar bolup bilmeýäler, sebäbi. Olar şu alamatlara eýe bolan adamlara, predmetlere bagly. Anykdüşünjeleri ýekelikler bilen abstraktlary bolsa umumylar bilen garyşdyrmaly däl. Umumy düşünjeler anygam, abstraktam bolup bilerler (meselem„„jenaýat" düşünjesi umumy, anyk, „jenaýatçylyk" düşünjesi-umumy, abstrakt). Ýekelik düşünjelerem şeýledir. Meselem, „Beýik Watançylyk urşy"- ýekelik, anyk,..esger Gürhan Durdynyň batyrlygy"- ýekelik, abstrakt.

3.Predmete mahsus häsiýeti öz mazmunynda saklaýanlygyna ýa saklamaýanlygyna baglylykda düşünjeler polozitel ýa otrisatel bolup biler. Predmete mahsus häsiýeti düzýän mazmunly düşünjelere **polozitel** diýilýär. Predmetde kesgitli häsiýetleriň ýoklugy

görkezilýän mazmunly düşünjelere **otrisatel** diýilýär. Meselem, „tertip", „bilimli". „ynanýan" - poloziteldir, „tertipsiz", „bilimsiz", „ynanmaýan" -otrisatel.
4. Aýratynlykda hereket edýän predmetler ýa-da beýleki predmetler bilen gatnaşykda hereket edýän predmetler pikir edilýänligine baglylykda, garaşly we garaşsyz düşünjeler tapawutlandyrylýar. Garaşsyz düşünjeler aýratyn hereket edýän predmetleri suratlandyrýar we sonuň üçinem, beýleki predmetleregaraşsyzlykda pikir edilýär. Meselem: ,,talyp”, „döwlet”, „jebir çeken”, „jenaýatyň edilen ýeri" we b.Garaşly düşünjelerde (laýyk gelýän) biri-birine bolan gatnaşyklary olaryň alamatlary bolup çykýan predmetler suratlandyrylýar. Meselem, „ene-ata" we „çaga”, „başlyk" we „işgär", „para bermek" we „para almak". Düşünjäniň haysy görnüşe degişlidigini kesgitlemeklik-oňa logiki häsiýetnama bermeklikdir. Meselem, „akyly düzüw däl" düşünjesine häsiýetnama berlende, onuň umumylygy (registrirlenmeýänligi). abstraktlygy, otrisatelligi, garaşsyzlygy görkezilmelidir.

Düşünjeleriň logiki häsiýetnamasy olaryň mazmunyny we möçberini anyklamaga kömek edýär, oýlanma prosesinde düşünjeleri has takyk ulanmak endigini emele getirýär.

## Düşünjeleriň arasyndaky gatnaşyk.

Düşünjeleriň arasyndaky gatnaşyklara seredilende, deňeşdirilýän we deňeşdirilmeýän düşünjeleri tapawutlandyrmak zerur.

Biri-biri bilen deňeşdirmek mümkinçiligini berýän, birnäçe umumy alamatlary bolan düşünjelere **deňeşdirilýän** diýilýär. Meselem: ,,Türkmenistan" we „Özbegistan" – ikisini deňeşdirmek mümkin, sebäbi ikisem GDA girýär.

Umumy alamatlary bolmadyk, sonuň üçinem deňeşdirmek mümkinçiligi bolmadyk düşünjelere **deňeşdirilmeýän** diýilýär. Meselem, „kwadrat" we „jenaýat", „döwlet" we„aydym" we b. Bular biri-birlerinden daşlaşan hakykat ugurlaryndan bolup, olary deňär ýaly umumy alamatlar ýokdur.

Diňe deňeşdirilýän düşünjeler logiki gatnaşykda bolup bilerler. Deňeşdirilýän düşünjeler bir ýere sygýan we sygmaýan bolýarlar. Möçberi doly ýa bölekleýin laýyk gelýän düşünjelere bir ýere sygýan diýilýär. Bu düşünjeleriň mazmunynda olary möçberiniň laýyklygyny aradan aýyrýan alamatlar ýok.

Gatnaşykalaryň laýyklygynyň görnüşi bar: l) deň manylylyk; 2) kesip geçme (atanaklaýyn); 3) tabynlyk (subordinasiýa).

**1. Deňmanyly gatnaşykda** bolan düşünjelerde şol bir predmet pikirlenilýär. Bu düşünjeleriň mazmuny dürli bolsa-da, möçberi doly laýyk gelýär. Meselem, „iň soňky ekspluotatorlyk gurluş" we „hakyna tutulan zähmeti ekspluatirlemäge esaslanan jemgyýetçilik gurluşy" - bular pikiriň bir predmetini suratlandyrýar, olaryň möçberi doly laýyk gelýär, yöne mazmuny dürli, sebäbi hersi kapitalizmiň dürli alamatlaryny saklaýarlar.

Düşünjeleriň arasyndaky gatnaşygy töwerekleýin shemanyň üsti (Eýleriň töweregi) bilen aňlatmak bolar. Bu ýerde her töwerek düşünjäniň möçberini, her bir nokat

bolsa, möçbere girýän predmeti aňladýar. Töwerekleýin shemalar dürli düşünjeleriň arasyndaky gatnaşyklary aydyň göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýär. Şeýle-de, deňmanyly düşünjeleriň arasyndaky gatnaşyk bir suratda berlen.

**2.** Biriniň möçberi beýlekiniň möçberine bölekleýin girýän düşünjeleriň gatnaşygyna kesişme (atanaklaýyn) diýilýär. Bu düşünjeleriň mazmuny dürlidir. Meselem: „A"-ýuristler, „B"-mejlisiň deputatlary: käbir ýuristler mejlisiň deputatlarydyram.

Ştrihlenen bölekde deputat ýuristler pikir edilýär.A töweregiň laýyk gelmedik bölegi- beýleki ýuristlerdir, we B töweregiň laýyk gelmedik bölegi-ýurist bolmadyk deputatlary aňladýar.

**3**. Biriniň möçberi beýlekiniň möçberine doly girip, onuň düzüm bölegini emele getirýän düşünjeleriň gatnaşygyna **tabynlyk (subardinasiýa)** diýilýär. Meselem, A-jenaýat we B-betnebis jenaýat. Birinji düşünjäniň möçberi ikinjiniňkiden uly, sebäbi betnebis jenaýatdan başga-da jenaýatlar köp. „Betnebis jenaýatlar" düşünjesi bolsa, „jenaýat" düşünjesine doly girýär. Uly möçberi bolan we beýleki düşünjäniň möçberini öz içine alýan düşünjä (bu ýerde A düşünje) **tabyn edýän düşünje** diýilýär; möçberi az we beýleki düşünjäniň möçberiniň bölegini düzýän düşünjä (bu ýerde B düşünje) tabyn bolýan düşünje diýilýär (3-nji surat).

Eger tabynlyk gatnaşykda 2 umumy düşünje ýerleşen bolsa, onda tabyn edýän düşünjä **ugurdaş**, tabyn bolýana bolsa, **görnüş** diýilýär. Düşünje şol bir wagtyň özünde

uguram, görnüşem bolup biler, meselem, „A"-jenaýat„ “B” - betnebis jenaýat, “C”-ogurlyk. (4-nji surat).

Eger tabynlyk gatnaşygynda umumy we ýekelik düşünje duran bolsa, onda umumy (tabyn edýän) düşünje **görnüş** bolýar. a ýekelik (tabyn bolýan) bolsa, **indiwid** bolýar. Meselem, „aklawjy" we F.N.Plewako" düşünjeleri.

„Ugurdaş"-„görnüş"-„indiwid" gatnaşyklary logiki operasiýalarda – umumylaşdyrma, çäklendirme, kesgitleme we bölme düşünjeleri bilen bile giňden ulanylýar.

Doly hem, bölekleýin hem möçberi laýyk gelmeýän düşünjelere laýyk gelmeýänler diýilýar. Bu düşünjelere özlerinde möçberleriniň laýyk gelmegini aradan aýyrýan alamatlary saklaýarlar.

Laýyk gelmezlik gatnaşyklaryň 3 görnüşi bar: 1) boýun bolma (koordinasi (koordinasiýa). 2) gapma-garşylyk (kontrarlyk), 3) çaprazlyk (kontradiktorlyk).

**Boýun bolma (koordinasiýa)** gatnaşygynda, özleri üçin umumy bolan düşünjä boýun bolan, 2 ya-da köp kesişmeýän düşünjeler ýerleşýar. Meselem, „ýuridik institut", „medinstitut, „ýokary okuw mekdebi", „welaýat sudy", „säher sudy", „sud". Olar üçin umumy bolan düşünjä tabyn bolan gatnaşykda duran düşünjä boýun edilen diýilýär (5-nji surat).

**Gapma-garşylyk gatnaşygynda** biri birnäçe alamatlary saklaýan beýleki bolsa oňa laýyk gelmeýän alamatlary saklaýan düşünje ýerleşýär. Şeýle düşünjelere gapma-garşy (kontrar) diýilýär. Iki gapma-garşy düşünjeleriöçberi olar üçin umumy bolan ugurdaş düşünjäniň diňe bir bölegini düzüp, olar onuň görnüşidir we tabyndyrlar (sopodçineny). Meselem, ak-gara, tapawutlanýan-kanagatlanarsyz we b.(6-njy surat, punktir

bilen ugurdaş düşünje bellenen). Bu düşünjeleriň möçberi ugurdaş düsünjäni ähli möçberine eýe däl, sebäbi başga reňklerem, başga bahalaram bar.

**Çaprazlyk (kontradiktorlyk)** gatnaşykda biri birnäçe alamatlary saklaýan, beýlekisi bolsa, şol alamatlary aradan aýyrýan düşünjeler durýar.

Iki çapraz düşünjäniň möçbeňeri ugtırdasyn ähli möçberini tutyarlar we olar onuň görnüşidir we oňa tabyndyrlar. Çaprazlyk gatnaşygynda polozitel we otrisatel düşünjeler durýarlar:"gara"-„gara däl", „ýetişýan"- „ýetişmeýan" we b. (7-nji surat), iki çapraz düşünjeleriň arasynda hiç hili üçünji düşünje bolup bilmez.

**Temany özleşdirmek üçinmysaly soraglar:**

**1.** Düşünje diýip nämä düşünýärsiňiz?

**2.** adamlaryň daşky gurşawa akyl ýetirmekleriniň görnüşleri?

**3.** Alamatlar näçe topara bölünýärler?

**4.** düşünjäniň mazmuny nämeden ybarat?

**5.** Kesgitleme we onuň görnäşleri nämeden ybarat?

**6.** Düşünjäniň emele gelmeginde logiki tilsimleriň irny nähili?

**7.** Düşünje we sözüň arabaglanşygy nämeden ybarat?

**8.** Düşünjeleriň arasyndaky gatnaşyklaryň mazmuny nämeden ybarat?

## Tema:№ 4 Pikir ýöretme. (Sujdeniýe)

1. **Pikir ýöretme barada düşünje.**
2. **Pikir ýöretme we sözlem.**
3. **Pikir ýöretmäniň görnüşleri (sada we çylşyrymly).**
4. **Sada pikir ýöretmeleriň hil we mukdar taýdan bölünişi.**
5. **Sada pikir ýöretmelerdäki gatnaşyklar.**
6. **Çylşyrymly pikir ýöretme.**

Pikir ýöretme prossesinde predmete degişli alamatlary, baglanyşyklary, gatnaşyklary ýa tassyklanylýar, ýa-da inkär edilýär. Aydylýan pikir ýa hakyky, ýa-da ýalan bolmalydyr. Mysal:
Agaç-ösümlikdir.

It-jandar.

Ýönekeý pikir ýöretme iki zatdan ybaratdyr:

1. S-subýekt (eýe diýen manyny aňladýar). Bu pikir ýöretmäniň predmeti.
2. P-predikat (predmete degişli alamatlar, ol tassyklaýar ýa-da inkär edýär.)

Mysal:

Babaýew (subýekt) - Halkara gatnaşyklary insitutynyň talybydyr (predikat)

Göwrüm taýdan predikat bilen subýekt shemada şeyle görkezilýär.

S P

Pikir ýöretmegiň görnüşleri:

1. Yönekeý, ýagny sada;
2. Çylşyrymly.

Sada pikir ýöretme.
Hil taýdan pikir ýöretme prossesi bu:
1. Tassyklaýjy pikir ýöretme- S - P-dir, ýagny Babaýew institutyň talyby.
2. Inkär ediji pikir ýöretme- S - P-däldir, ýagny Babaýew institutyň talyby däldir.
Göwrüm taýdan pikir ýöretme prossesi bu:
1. Umumy-S-P-dir;
2. Käbir -S-P-dir

Goşma pikir ýöretme 4 bölege bölünýär:
1. Umumy tassyklaýjy pikir ýöretme (hemme S-P-dir). Hemme talyplar sapaga gatnaşmalydyr;
2. Umumy inkär ediji pikir ýöretme (hiç bir S-P-däldir). Talyp sapakdan sebäpsiz galmaly däldir.
3. Hususy tassyklaýjy pikir ýöretme (käbir S-P-dir). Talyplaryň käbiri sportsmendir.
4. Hususy inkär ediji pikir ýöretme (käbir S-P-däldir). Käbir ynsanlar akylly däldir.
Bulara üzül-kesil, ýagny atributiw pikir ýöretme diyilýär.

**Durmuşda adamlar bir zady inkär etseler, olar onda şol zady tutuşlygyna**
**inkär edýärler.**

Pikir ýöretmeleriň arasyndaky gatnaşyklar. Logiki kwadrat.

1. **Eger iki sany pikir ýöretmeleri biri bilen terslik gatnaşygynda bolsa. Onda olaryň ikisem bir wagtda ýalan pikir ýöretme bolýar. (Hemme talyplar tapawutly bahalara okaýarlar. Hiç bir talyp tapawutly baha okamaýar.)**
2. **Terslik gatnaşykdaky pikir ýöretmeleriň biri hakykatdyr, beýlekisi ýalandyr. Bir wagtda iki pikir ýöretme hakyky bolmaýar.**

a) **Kiçi terslik gatnaşykdaky pikir ýöretmeleriň ikisi hem bir wagtda hakyky bolýar.**
b) **Kiçi terslik gatnaşykdaky pikir ýöretmeleriň ikisi hem bir wagtda, biri ýalan, biri bolsa hakyky bolýar.**
c) **Kiçi terslik gatnaşykdaky pikir ýöretmeleriň ikisi hem bir wagtda ýalan bolýar.**

Umumy pikir ýöretme bilen hususy pikir ýöretmäniň arasyndaky gatnaşyklar:

**1.** Umumy pikir ýöretme-tabyn ediji pikir ýöretme.
2. Hususy pikir ýöretme- tabyn bolan pikir ýöretme.

**Tabyn ediji pikir ýöretmäniň hakykylygyndan tabyn bolan pikir**
**ýöretmäniň hakykylygy gelip çykýar.**

Mysal:

**1.** Hemme agaç ösýär- hakyky.
2. Käbir agaç ösýär-hakyky.

**Tabyn bolan pikir ýöretmäniň hakykylygyndan tabyn ediji pikir**
**ýöretmäniň hakykylygy gelip çykýar.**

Mysal:

3. Hemme demir poslamaýar- hakyky.
4. Hiç bir demir poslamaýar-yalan.

Pikir ýöretmäniň modallyk taýdan bölünişi.

Ol 3 görnüşe bolunýar:

1. Zerurlyk;
2. Mümkinlik;
3. Hakykylyk.

Mümkinlik barada **ilkinji pikiri Aristotel aýdýar we mümkinlik pikir ýöretmäni adamlar** 3 manyda **ulanýarlar diyip belleýär.**

1. Mümkinlik manyda. (Mümkin ertir çäre bolar.)
2. Seýregräk ýagdaýda mümkinlik pikir ýöretmäniň üsti bilen Hakykylygy belli edilýär.
3. Mümkinlik pikir ýöretmäniň formasy bilen hiç wagt hakykylyga öwrülip bilmejek pikir ýöretmeleri hem aýdýarys. (Men asmandaky ýyldyzlary sanap bilmeğim mümkin.)

**Jemgyýetde, adamzadyň durmuşynda mümkinligiň hakykata öwrülmegi üçin çalt hereket etmeli bolýar. Dürli sebäplere görä kä halatda mümkinlik haýal hakykata öwrülýär, kä halatda mümkinlik hakykata öwrülmeýär.**

S-P**-dir diýen forma gabat gelýän pikir ýöretmä** Hakykylyk pikir ýöretmesi **diyilýär.**

Zerurlyk pikir ýöretmesi- **kanunlar, aksiomalar, ýagny kadalara esaslanyp aýdylýan pikirler ýa-da şolaryň (kanunlaryn, aksiomalaryn) özleri.Zerurlyk pikir ýöretmäni üýtgedip bolmaýar. Zerurlyk pikir ýöretmäni sähel üýtgetseň garşylyk ýüze çykýar, sebäbi adamzat kada-kanunlary häli-şindi üýtgedip durmaýar.**

Goşmaça pikir ýöretme, ýa-da çylşyrymly pikir ýöretme.

**Birden artyk subýekden we birden artyk predikatdan düzülen pikir ýöretmelere** goşmaça pikir ýöretme diyilýär.

I. Birleşdiriji, ýa-da konýuktiw pikir ýöretmede - ( "we", "hem-de" ) **ýaly söslemler ulanylýar.**
Mysal: Aman **Aşgabat şäherinde ýaşaýar** we **okaýar.**
Geldi we Gurban **obada "Aşgabat" daýhan birleşiginde ýaşaýarlar.**
II. Bölüji, ýa-da dizyuktiw pikir ýöretmede- (ol "ýa", "ýa-da") **ýaly sözlemler ulanylýar.**
Formulada-S-P- dir V P -dir V P-dir. V-bu belgi dizýuksiýa, **ýagny ol** "ýa", "ýa-da" diýip okalýar.
III. Şertli pikir ýöretme.
"eger", "onda"**-bu sözler ulanylanda logika ylmynda muňa** implikasiýa diýilýär.
Mysal: Eger howa ýyly bolsa, biz gezelenje gideris.
Eger howa ýyly bolsa -bu "A", **ýagny** esas.
Biz gezelenje gideris- bu "B", **ýagny** netijedir.
Formulada: **eger** "A" **bolsa, onda** "B" **bolar** (A - B).

**Diymek, şertli pikir ýöretme iki bölekden ybarat** (esasdan we netijeden).

Pikirlenmäniň netijesi.

Pikirlenmäniň netijesi (akyl netije)- **bu öňden ýöredilen pikirlerden (bir ýa-da birnäçe pikir ýöretmeden) täze bir pikir ýöretmäniň gelip çykyşy.**
**Islendik pikir netijesi öňden gelýän pikir ýöretmeden (posylkadan) we netijeden durýar.**
"Diymek" **diýen sözü bilen başlanýan pikir ýöretmä netije diyilýär.** Pikirlenmäniň netijesini (akyl netijesinin)görnüşleri:

**1.** Gönü akyl netije, ýagny bu bir pikir ýöretmeden çykarylýar:
- **öwürme (prewraşeniýe);**
- **orun çalyşma (obraşeniýe);**
- **predikata garşy gitme (protiwopostawleniýe predikaty).**

**2. Sowa akyl netijesi, ýagny bu birden artyk pikir ýöretmeden çykarylýar:**

- **deduktiw pikir netije çykarmak (pikiriň ugry has umumylykdan, az umumylyga geçýär);**
- **ähtimallyk pikir netije çykarmak (pikiriň ugry hususydan umumylyga geçýär).**

Ähtimallyk akyl netijesi 3 görnüşe bölünýär:
1. induktiw;

2. gipotetiki;
3. analogiki - ylymda we tehnikada.

Göni akyl netijesinin bölünşiniň formulalary:

1. **öwürme** (S-P-dir **diyen pikir ýöretmeden,** S-P-siz **däldir diýmeklik -bu öwürme akyl netijesidir).**
2. **orun çalyşma**(S-P-dir **diýen pikir ýöretmeden,** S-P-dir **diýen netijäni almak): - sada orun çalyşma- orun çalyşma prossesinde posylka bilen netijäniň arasynda mukdar taýdan ütgeme bolmaýar; - çäklendirilen orun çalyşma - umumy tassyklaýjy pikir ýöretmeden hususy pikir netije almak.**

Şertli pikir ýöretmäniň kadalary:

**1.** Esas hakyky bolsa, netijede hakykydyr -umuman şertli pikir ýöretme hakykydyr. (Symdan tok geçse, sym gyzar)
2. Esas ýalan bolsa, netije hakyky bolsa- umuman şertli pikir ýöretme hakykydyr.(Symdan diňe tok geçende däl, eýsem-sym güniň ýylysyna-da, oduň ýylysyna-da gyzyp biler.)
3. Esas ýalan bolsada, netije ýalan bolsa-da şertli pikir ýöretme hakyky bolup biler. (Eger ertir howa gowy bolsa-da, biz gezelenje gitmämizi goýbolsun ederis)
4. Şertli pikir ýöretmede pikir diňe bir ýagdaýda ýalan bolýar haçan-da netije ýalan bolanda. (Adam işlemese ol çörek dişlemez.)

## Tema: № 5 Deduktiw pikir netijesi.

5. Sillogizmiň I figurasy, modusy we kadasy;
6. Sillogizmiň II figurasy, modusy we kadasy;
7. Sillogizmiň III figurasy, modusy we kadasy;
8. Sillogizmiň IV figurasy, modusy we kadasy;
5. Sözler we zatlar barada düşünje

Deduktiw pikir netijesiniň iň giň ýaýran görnüşi- Sillogizm (grekçe akyl netijesi diýmegi aňladýar). Yöne hökman 2 posylkadan (pikir yöretmeden) 3-nji netijäni çykarmaly.

Mysal:Döwletiň raýatlarynyň hemmesiniň işlemäge hukugy bar.

Batyr biziň döwletimizin raýaty, diýmek onuň işlemäge hukugy bar.

Posylka- (Döwletin raýatlarynyn hemmesinin) we (Batyr biziň

döwletimiziň raýaty) Sillogizm akylyn netijesinňi in möhüm görnüşi. Sillogizm bir zady dellilendiremizde, ýa-dainňkär edemizde (ýalana çykaramyzda) ulanylýar. Subýekt bilen predikata takyk (termin) kesgitleme diýilyär.

Orta (termin) kesgitleme- iki sany posylkany özara birleşdirip, netijä

geçirilmeýän düşünjelere aýdylýar.

Orta termin latynça-M (medius) harpy bilen bellenilyär.

Sillogizmiň formulasy:

**1- ji posylka- M-P; 2-nji posylka- S-M; 3-nji netije-S-P**

Sillogizmiň aksiomasy.

Aksioma (kada)-bu subut etmegi (dellilendirmegi) talap etmeýän kanun, subut etmezden hakykat diýip kabul etyäris.

Sillogizmiň umumy aksiomasy.

1. Haýsydyr bir P diýen alamat, şol toparyň içine girýän predmetleriň hemmesine häsiýetli, degişli bolsa, onda şol alamat, şol predmetleriň her birine aýry-aýrylykda hem degişlidir.

P-**işlemäne hukukly;**

M- **biziň döwletimiziň raýaty;**

**S- Batyr**

2. **Egerde P** alamat, şol topara girýän predmetleriň hemmesine degişlidälbolsa, onda şol alamat **P** predmetlere ýeke-ýekelikde hem degişli däldir.

Sillogizmiň jemi 7 sany kadasy bar. Şolaryň üçüsi sillogizmiňterminlerine degişli, dört sanysy sillogizmiň posylkalaryna degişlidir.

Termine degişli 1-nji kada.

Her **bir sillogistik akyl netijede diňe 3 sany termin bolmaly. Şondan köp, ýa-da az bolmaly däldir.** Kiçi termin; Uly termin; Orta termin.

Termine degişli 2-nji kada. Orta **termine degişli.**

Termine degişli 3-nji kada. **Çetki terminlerde ulanylýar.**

Subýekt bilen predikata-çetki termin diyilyär.

Posylkalara degişli kadalar.

Olar **dört sany.** Posylkalara degişli 1-nji kada.

**Iki sany iňkär ediji posylkadan netije alyp bolanok.**

**Posylkalara degişli 2-nji kada.**

Eger-de posylkanyň biri iňkär ediji bolsa, onda tassyklaýjy netije alyp
bolanok, alan netijämiz hem diňe iňkär ediji bolmaly.

**Posylkalara degişli 3-nji kada.**

Iki sany pikir ýöretmeden hem netije alyp bolanok.

**Posylkalara degişli 4-nji kada.**

Egerde posylkanyň biri hususy bolaýsa, onda umumy netije alyp bolanok, alýan netijämiz hem hususy bolmaly.

Sözler we zatlar

**Dil we pikirlenmek-** ýeketäk birligiňdüzüm bölekleridir. Hersiniň özboluşly wezipesi bar. **Diliň wezipesi-** duýgy serişdesiniň kömegi bilen alnan maglumatlary adamyň aňyna yetirmek. **Dil belgiler,** adatlar ulgamydyr, onuň kömekçisidir. Ňlologlar dili öwrenende **Fonetike, morfologiya, sintaksis** diýen ýaly ylmy toparlara bölüp öwrenyärler. Adam şu kadalary intuitiw logikanyň esasynda ulanyp sözlem düzyär. Emma gepleşikde ol kadalary ýatlamak zerurlygy ýokdur. **Logikada dilleri tebigi diller we emeli diller ýa-da bölekleýin diller** diýip toparlara bölyärler.

**Tebigy dil-** öz-özünden adamzat siwilizasiýasynyň ösmegi bilen döreyär. Häzirki döwürde 3 golaý dil bar.

40-müň esasy wezipeli logikada 6-sany hasap diller.

Logikanyň nukdaý nazaryndan easy diýip hasap edilýän 2 sany 1**-Beýan etmek. 2-Bahalandyrmak.**

Dilçiniň nukdaý nazaryndan sözleri, sözlemleri dogry beýan etmäge ýagny, olar at, sypat, işlik, goşulma.

**1** .Daşky ýagdaý- obýektiw alamat. 2.Subýektiň gönükdirilmesi- subýektiw alamat.

**Logikada hem-de psihologiýa ýakyn bolan ýöne deňbolmadyk düşünjeler bolýar. Adam, şahsyýet we indiwid.**

**Adam-** munuň özi ozaly bilen süyt emdirijiler sanyna degişli homosapens-biologik jandardyr.

Lokal kadanamalary we esasy ( umumy we pudaklaýyn) kadanamalary bilen jeminde zähmet gatnaşyklarynyň hukuk sazlaşygynyň hukuk esay bolup çykyş edyär. Lokal namalaryň kadalary esasy kadanamalaryň hukuk kadaryna garşy gelmeli däldir. Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynyň esasynda kesgitlenen kärhananyň, edaranyň sertlerine we wezipelerine ulanylan hukugyň umumy kadasyny anyk we jikme-jik düşündirmek maksady bilen lokal kadanama işläp tapylýar we kabul edilyär.

Logika- dogry pikirlenmegin kanunlary we amallary, usullary hakynda ylymdyr. Adamda 5 ( bäş) duýgy bar. Şolaryň kömegi bilen biz daşymyzy gurşap alan dünýäni kabul edýäris. Eşitmek, görmek, ys almak tagam bilmek, syzmak.

Dogry pikir ýöretmek üçin biz dogry esaslardan ugur almaly. Ýöne käbir ýagdaýlarda formal çemeleşilende dogry esas hem nädogry ýalňyş netije berip biler.

Adamyň abstrakt pikir ýöretmegi üçin (hyýaly), zerur şertleriň biri söz ýa-da dildir. Dil- adamyň aňynyň pikiriniň döremegi bilen bile sebäbi adam duýgylary bilen kabul eden maglumatlarynyň haýsydyr 1 (bir) sözler bilen atlandyryp pikir ýöredýär. Soňuň üçinem adamy beýleki jandarlar bilen tapawutlandyranda aňly-düşünjeli we dili bar diýip tapawutlandyrylýar. Diymek, dil pikirlenmäge esas bolýar.

Adamlaryň ey elik edýän logiki medeniyetiniň derejesi logiki serişdeleriň (logiki emelleri, pikirlenmän usullary we ş.m.) özboluşlylygy bilen häsiýetlendirilyär. Logiki medeniýet gürrüňdeşligiň, mekdebe we ýokary okuw jaýlarynda okamaklygyň dowamynda edebiýatlary okamak wagtynda emele gelyär. Pikirlenmäniň ol ýa-da beýleki usullaryna yzygiderli duş gelip, biz olaryň haýsysy dogry, haýsysy nädogry ýuwaş-ýuwaşdan bilip başlaýarys. şondan soňra pikirlenmäniň dogry usullaryna laýyklykda özümiz pikirlenip başlaýarys.

Emma logiki medeniýetiň şeyle öz akymlaýyn yol bilen emele gelmegi has gowy bolup bilmeyär.

Logiki kanunlary we akyl ýetiriş formalaryny (düşünjelerini, garaýyşlary, gelen netijeleri) ulanmak. Deduksiýanyň, induksiyanyň, barabarlygynyň roly. Akyl yetirmegiň ulaltma usuly. Modelirlemek. Akyl yetirmegiň ulaltma usulyny -analizlemegiň, sintezlemegiň, deňeşdirmgiň, abstraktlaşmagy, umumylaşdyrmagy peýdalanmak.

Logikanyň- psihologiyanyň, dolandyryş ylmynyň, zähmeti ylmy esasda guramagyň we beýleki yörite ylymlaryň maglumatlaryny derňew taktikasynda peýdalanmak. Taktiki usullar barada düşünj e. Jenaýat kazyýet önümçiliginde olara yol bermegiň ölçegleri. Derňew hereketleriniň taktikasy we olaryň önümçiligindäki prosessual tertip bilen şolaryň özara gatnaşygy. Taktiki operasiýalar baradaky düşünje we olaryň üstüni açmakdaky roly. Kazyýet işe garalanda taktiki usullary ulanmak mümkinçilikleri we şertleri.

Logika ylmyny düzgün hökmünde öwrenmedik logika ylmynyň ol ýa-da beýleki emellerine eýelik

etmeýär.Mundan başga-da şeýle adamlaryň dürli logiki medeniýeti bolup özara düşünmeklige ukyby bolmaýar. Logikany öwrenmek-pikirleriri medeniýetiň has öndürüjilikli usulynyň emele gelmegi we ýokarlanmagydyr. Logika pikir yöretmegiň dogry usullaryny, şeyle hem pikir yöretmedäki tipli ýalňyşlyklary ulgamlaşdyrýar. Bu pikiriň takyk aýdylmagy üçin logiki serişdelerini görkezýär.

Şonsuz islendik pikirleýiş işi öwrenmekden başlap, tä ylmy barlag işine çenli az netije beryär. Logikany bilmezden adam özüniň ýa-da kimdir başga biriniň nädogry pikir yöretmegini ol ýa-da beyleki ýagdaýynyň subutnamasynyň nädogry guralandygyny duýup biler. Yöne ýalňyşlyk näme? Ol ýa-da beýleki ýagdaýyň subutnamasynda ýalňyşy nädip tapmaly? Has hem gürrüňdeşiň ýalňyşýandygyny nädip subut etmeli? "Siz ýalňyşýarsyňyz" diýen ýönekeý tassyklama hiç kimi ynandyrmaz. Adamyň nämede ýalňyşýandygyny görkezmek zerur **Mysal üçin:** haýsydyr bir ýagdaýy gözläp birinji başda başga zady subut edyär. Soňra bolsa birinji başdaky subut bolýar. Şonda logikanyň kanunynyň degişli düzgünine salgylanyp ýalňyşyň subutnamasyny açyp görkezmek zerurdyr. Logikany öwrenmek diňe bir adamlara pikir yöretmedäki ýalňyşlyklaryny anyklamaga kömek etmän, eysem pikir yöretmedäki ýalňyşlygy tapmagy hem tizleşdiryär. Logika bilimi hukuk ylmynyň aýrylmaz bir bölegi bolup durýar. Ol kazyýet derňew çaklamalaryny dogry gurmaklyga, jenaýaty derňemekligiň takyk meyilnamasyny düzmek, operatiw hereketiň ulgamyny bellemek, resminamalar düzülende, sorag we serediş beýanlarynda, aýyplaw netijesinde, çözgütlerde we

kararlarda, dykgatnamalarda ýalňyş göybermezlige mümkinçilik beryär.

Şahsyyet-jemgyýetçilik ösüşiň subýekti bolup, onda belli bir orny eýeleýän we jemgyýetçilik orny ýerine ýetirýän aňly, düşünjeli indiwitdir.

Indiwiduallyk- munuň özi şahsyýetiň özboluşlylygynyň derejesidir. Her bir adam indiwidualdyr. Ýöne käbir adamlaryň indiwiduallygy has aýdyň, ýiti ýüze çykyp, käbir adamlaryňky bolsa çala göze ilýär. Indiwiduallyk akyl, duýgy, erk boşlugynda başgaça aýdaýyzda psihiki işiň ähli gurşawynda birden ýüze çykyp biler.

Jenaýatçynyň şahsyýeti barada aýdanymyzda bu taglymat adamyň jemgyýet ýüzi bolup durýar we onuň jenaýat edendigi barada gürrüň gidýär, sebäbi jenaýatçy düşünjesi giňdir. Ol düşünjä adam öldüren, zorlan we ş.m. giryär.

Jenaýatçynyň şahsyyeti dine özüň jemgyyet gurşaw bilen täsiriň seljermesi esasynda öwrenmek bolýar. Jenaýatçylykly özüni alyp barmaklygyň, kadaly özüňi alyp barmakdan, gymmatlyk nazarlamalaryndan, jemgyýet gönükdirmelerine tapawutlylyk edyär. Subýektiň belli bir jenaýat etmegi şu şertlenýär:

2. Netijeleriň hakyky bolmagy üçin logiki yzygiderlilik gerek. Onuň şertleri ýöretmäniň easlary hakyky bolmaly. Netije çykarmany näçe dogry gurasagam nähili faktlary we pikirleri ulansagam, egerde olaryň arasynda iň bolmanda ýa-da takyk däl pikir bolsa, onda netije hiç haçan doly bolmaz.

Netije esaslary diňe bir täze pikir hököminde goşulmaýar. Netije esaslar bilen zerur logiki baglanşykly pikir hököminde gelip çykýar 2) esaslaryň arasynda, şeylede esas bilen netijäniň arasynda dogry logiki baglanşyk bolmalydyr. Eger biziň esas hökmünde aňymyzda aýlaýan pikirlerimiziň ählisi hakyky bolup, olary logiki nädogry baglanyşdyrsak, onda esaslandyrylan dogry netijäni alyp bilmeris.
Netije çykarma esas bilen netijäniň arasynda bar bolan zerur baglanşygyň üstüni açýar. Netije çykarmanyň bu häsiýeti ony subut etmeklikde zerur zweno öwrenýär. Netije çykarmakda ynandyrmakda we biziň tassyklamalarymyzy subut etmekde esasy serişde bolup durýar.

3 Özüne girýän esaslara degişli bolan düşünjeleriň arasyndaky gatnaşyklaryň görnüşine baglylykda netije çykarma gömüşlere bölünýär: 1) Eger düzümine subýekt - predikat gurluşly pikirler girýän bolsa, oňa sillogiki netije çykarma diyilýär. Bu ýönekeý tassyklanýar ýa-da ret edilýär. Sillogiki netije çykarmalarda ýönekeý pikirler ulanylýar, sebäbi olaryň elementi düşünjedir. Bu netije çykarmada birinji planda esaslaryň mazmuny we möçberi boýunça esaslaryň arasyndaky gatnaşyklar durýar. 2) eger düzümine subýekt-predikat gurluşy bolmadyk , şeyle-da eger bular çylşyrymly pikirler bolsa ýa-da kategoriki bolmadyk pikirler girýän netije çykarma sillogiki däl diýilýär. Munda netijäniň maksady-esas bolup çykyş edýän ýeke-täk we hususy pikirler bilen deňeşdirilende umumy netijäni ýa-da gatnaşyklary ýüze çykarmakdyr. Netijeleriň

takyklygy boýunça hem netije çykarma görnüşlere bölünýär.

1)Demonstratiw netije çykarmalarda,esaslardan netije zerur bolup ýüze çykýar, ýagny şeýle netijelerde logiki yzygiderlilik logiki kanun bolup durýar.
2)Demonstratiw däl-netije çykarmalarda esaslardan netije mümkingadar (hakykata ýakyn) bolup çykýar.

3) Esasda we netijede bolan umumylygyň dürli derejesindäki bilimleriň arasyndaky baglaşygyň häsiýeti takyk ýa-da hakykata ýakyn bilimleri almakda aýgytly roly oýnaýar. Pikir edýän adam umumylygy az derejedäki bilimden umumylygy köp derejedäki täze bilime geçýän bolsa, bu netijä çykarma induktiw diyilýär.

Pikir edyän adam predmet ýa gatnaşyk barada hususy häsiýeti bilime daýanyp, täze hususy häsiýetli bilimi alýan bolsa, bu netijä çykarma analogiýa diyilýär.

Umumylygy köp derejedäki bilimlerden, edil şeyle bilimlere ýa umumylygy az derejedäki bilimlere geçmeklige esaslanýan netije çykarma deduktiw diyilýär.

Durmuşda aň ýetirmekde önňbelli bolan hakykatlary (predmetlere mahsus umumy häsiýetler, tebigy prosesler, jemgiýetiň durmuşy we b). Bu umumy häsiýetli hakykatlar öz bilimlerimizi hemişe giňeltmeklikde başlangyç esas bolup hyzmat edýär.

Temany özleşdirmek üçin mysaly soraglar:

1. Akyl ýetirmäniň gurluşy nämeden ybarat?
2. Pikir ýöretme nämeden ybarat?
3. Netije çykarma bilen akyl ýetirmäniň tapawudy barmy?
4. Esasyň (posylkanyň) gurluşy nämeden ybarat?
5. Logiki netije diýip nämä aýdylýar?
6. Netijeleriň hakyky bolmagy üçin näme gerek?
7. Logiki yzygiderlilik diýip nämä aýdylýar?
8. Demonstriw netije çykarma bilen demonstratiw däl netije çykarmanyň tapawudy nämäden ybarat?

## TEMA №11. Soragyň we sargydyň gelip çykyşy.

4) Soraglaryň görnüşleri: dogry we nädogry, açyk we ýapyk, ýönekeý we çylşyrymly we ş.m.

5) Jogap we jogabyň görnüşleri.

6) Sorag bermegiň we jogap bermegiňkadalary we ondaky ýalňyşlyklar

Biziň pikirimiz belli bir derejede öz öňümizde goýýan, beyleki adamlara berýän soraglarymyzyň düzülşine bagly bolup, bu soraglaryň berilmeginiň esasy maksady kesgitli maglumaty berýän jogaplary almakdyr. Soragy dogry düzmek jogabyň hakykylygyny kepillendirmeýär, ýöne ýalňyş goýlan sorag hakyky jogaby kynlaşdyrýar, käwagyt hatda oňa ýol hem bermeýär.

Logiki nukday nazardan, sorag - bu haýsydyrt bir maglumaty talap edýän ýa-da özüne jogap berilmegine çagyrýan sözlemdir.

Soragyň gurluşy. Şu soraglara seredeliň:

1) "Gaýtadan tussaglykda bolan adamlar täzeden terbiýelemeklige wagtyny we güýjini sarp etmeklige degýärmi?"

2) "Hukugyň psihologiki taglymatynyň awtory kim?"

3) " Biziň jemgyýetimizde jenaýatçylygy düýbünden ýok etmeklik mümkinmi?"

Şularyň her haýsysynda, sorag belgisinden başga, iki bölege - sorag sözi ýa-da bölejigi hem-de mümkin bolan jogabyň düzümine girmeli bölegi tapawutlandyrmak bolar. Birinji bölegi - kesgitlenilmeli bölek , "X" bilen belgilenýär

we sorag belgisi bilen bilelikde ýaýyň içinde alynýar: (X.?). onda birinji soragymyz şeyle ýazylýar: "(X?) gaýtadan tussaglykda bolan adamlar täzeden terbiýelemk üçin siziň wagtyňyzyň we güyjiňiziň sarp edilmegi" soragyň ýaýyň içine girmedik bölegi esasy bolup, ol gutarylmadyk oýlanmadyr. Eger kesgitlenilmelı bölegi anyk maglumatlar bilen çalyşsaň **ol** doly bolýar we jogap bolýar.

Soragyň özi mümkin bolan jogaplaryň klasyny (köplügini) kesgitleýär, çünki ol käbir jogaplar bilen baglydyr. Soňka soragyň pretmeti diyilýär. Soragyň mazmuny bolar ýaly, ol talap edilýän maglumatlaryň möçberi we soragyň predmeti belli bolar ýaly derejede kesgitli bolmalydyr. Meselem:anketada maşgala ýagdaýyň barada sorag bar. Ol

jogaby diňe bir öz pretmeti bilen däl, eýsem, dört sany mümkin bolan jogapdan ybarat klasy bilen hem kesgitlenýär: öýlenmedik, öýlenen, aýrylşan, dul.

Soragyň möçmeri -bu belli bir predmet barada mümkin bolan jogaplaryň klasy bolup, jogap olardan anykbir elementi ýa-da birnäçe elementi saýlap alýar.

Sorag - bu obýekit barada maglumaty talap edýän pikirlenişiň formasydyr. Soragyň özinde-de biraz maglumat bolup biler, ol soragyň başlangyjyny düzýär.

Soragyň başlangyjy -bu soragda mese - mälim görünýär ýa-da görünmeýän pikir bolup, ol obiýekit barada maglumatlary berýär we soragda şu obiyekit barada goşmaça maglumata bar talap formirlenýär, ýagny düzülýär.

Başlangyçlar hakyky hem, ýalan hem bolup bilerler. Meselem: “şu logika kitapda näçe bölüm bar?” diýlen soragda şu pikirler başlangyç bolýar:

a) Logika boýunça kitap bar.

b) Ondaky many-mazmun bölümlere bölünen." Bilkastdan adam öldürmegiň alamatlary nähili? Diýen soragda şu pikir başlangyç:

1) Bilkastdan adam öldürmek hem bar. 2) onuň daşgy alamatlary hem bar.

Şeylelikde, umuman soragyň logiki gurlyşy şeýledir: 1) onda kesgitsizem bolsa kesgitlemeli maglumat bar; 2)onda başlangyç görnüşdäki maglumatlar bar; 3)onda bilmezlikden bilmeklige geçmek üçin talap saklanýar.

**Soragyň wezipesi:** soragyň maglumaty gözlemekde serişde bolup çykyş edýär. Soragyň aň ýetiriş wezipesine laýyklykda sorag bilinen zatlary bilinmedik zatlar bilen baglanyşdyrýan zweno (bölek) bolup çykyş edýär. Soragyň kommunikatiw wezipesine laýyklykda sorag habar beriji aragatnaşykda belli bolan maglumatlary . geçirmegiň serişdesi bolup durýar. Soragyň aň ýetiriş ýa kommunikatiw wezipesiniň haýsynyň onda saklanýanlygyna laýyklykkda barlag soraglar we informasion soraglar tapawutlandyrylýar.

**Barlag soraglary** täze bilimleri almaklyga gönükdirilen (entek jogaby bolmadyk soraglar). Meselem tertip-düzgüni üpjün etmegiň esasy şertleri haysy?"

Infarmasion soragyň maksady - eyýäm bar bolan maglumatlary edinmek ýa geçirmekdir. Meselem: kitabyň haýsy böleginde betnebislik jenayýatlaryna garalýar ?"

Soragyň görnüşleri. Gündelik habar beriş aragatnaşygynda praktiki manylaryny tertibe salmak maksady bilen soraglar gömüşe bölünýär.

Dogry we dogy däl (korrekit we korrekit däl) soraglar.

Hakyky başlangyçlara esaslanýan soraglara dogry soraglar diyilýär. Soragyň dogyrlygy dürli-dürli bolup bilýär: 1) adamyň şol soraga hakyky jogabyny berip biljegine ýa berip bilmejegine garamazdan hakyky jogaby bar bolan soraglar dogrydyyr .2) diňe bir maglumatyň bolmaklygy däl, eýsem, ol barada kesgitsizlik hem ýok bolan sorag dogrydyr.

Hakyky jogaby almaklyk prinsipial mümkin bolmadyk soraglara nädogry soraglar diyilýär. Olar ýalan başlangyçlara esaslanýar nädogry soraglara ýeke - täk dogry reaksiya - bu soragyň esasy bölegindäki aýdyň däl formadaky başlangyçlary ret etmekdir. Meselem:e”tmişi jenaýat diýip hasaplamak üçin näçe gram ýalan we günä gerek?". Ýöne hakyky başlangyçlara esaslanýan, ýöne, berilen soraglara jogap bermek üçin ulanyp bolmajak biçak kesgitsiz maglumatlara esaslanýan soraglar hem nädogry soraglar bolup biler. Nädogry soraglar ylymy barlaglarda manysyz bolsalar hem, pedagogik ada ýa-da barlaglarda pikiriň anyklygyny barlamak üçin, düşünmek üçin ulanmak bolar. Nädogry soraglara berk pikirli adam logiki jogap bermeýär.

Ýönekeý we çylşyrymly soraglar.

Ýönekeý sözlem bilen aňladylan soraglara ýönekeý soraglar diyilýär. Meselem: “ Aşgabada wagytlaýyn gelenler ýazga durmalymy?", ýönekeý soraglar öz gezeginde şertli we şertsiz bolup bilýärler. "Hakykatdanam praktikada analogiýa ýörelgesi ulanylýarmy?"- bu ýönekeý

şertsiz sorag ,"Jenaýatçylygy peseltmek üçin jezalary agyrlaşdyrmak gerkmi?" ýönekeý şertli sorag.

Dürli çylşyrymlaşdyrylyp düzülen sözlemleriň kömegi bilen düzülen soraglara çylşyrymly soraglar

diýilýär. Bular hem öz gezeginde birleşdiriji (konýuktiw) we bölüji (dizýunktiw) gurluşly soraglara bölünýär . Meselem: “Sîz sapagy şu wagyşt aýdyp berjekmi ýa-da indiki sapakda?" - çylşyrymly bölüji sorag , "Jeza adalatçylygy diklemek we jenaýatçyny täzeden terbiýelemegiň elementimi?"- çylşyrymly birikdiriji soragdyr.

**Mese - mälim we gizlin soraglar.**

Öz başlangyçlary bilen belli bolmadyk belli etmäge bildirýän talaby bilen bile dilde dolulygyna aňladylýan soraga mese-mälim sorag diyilýär. Bu soragyň edil sorag sözlemiň gramatiki formasy ýaly formasy bolýar.

Diňe öz başlangyçlary bilen aňladylyp, belle bolmagy aradan aýyrmaklyga bolan talaby boýunça soragyň başlangyjyna aň ýetirilenden soň belli bolýan soraga gizlin soraglar diyilýär.Bularyň köplenç, habar sözlem formasy bolýar (mes: ylmy barlagyň ady). Bular göni aýdylmaýar, ýöne berilen tassyklama bilen maglumatlaryň ýetmezçiligini döredýärler,

Islendik oýlanma käbir soragyň jogaby höküminde seredilip biliner. Takyk logiki manyly oýlanma bir soragyň jogabyny özinde saklaýar, şonuň üçünem ol jogap kesgitli bolýar. Takyk däl manyly oýlanma kesgitsiz jogap hasaplanýar.

**Polozitel we otrisatel jogaplar.** Soragyň esasy bölegini tassyklaýan jogap poloziteldir. Islendik tassyklaýjy oýlanma (ýönekeý ýa çylşyrymly )-polozitel

jogapdyr. Soragyň esasy bölegini ret edýän (ýa-da tassyklamaýan) jogap otrisateldir. Islendik (ýönekeý ya çylşyrymly) otrisatel oýlanma otrisatel jogapdyr.

**Kesgitli we aýdyp beriji jogap.** Haýsydyr bir predmet ýa-da onuň manysyny saklaýan elementi aňladýan jogap kesgitli hasaplanýar. Bu jogaplar, köplenç gysgajyk formada beýan edilýär. Bizi gyzyklandyrýan sorag boýunça erkin we giňişleýin gürrüň beriji jogaba aýdyp beriji jogap diyilýär. Meselem: “Bitewi bir ylmy iş aýdyp beriji jogap bolup biler.

**Şertli we şertsiz soraglar.** Kesgitli bir nukdaýnazardan, haýsydyr bir ýagdaýlary hasaba alyp, çak edilip berilýän jogaplar **şertlidir**. Bular köplenç," meniň pikirimçe", "ýalňyşmaýan bolsam", çakym-çak bolsa"diýilen sözler bilen bile aýdylýar. Haýsydyr bir zady çürt- kesik tassyklaýan ýa ret edýän jogaplar şertsizdirler.

Sorag-jogap pikiriniň logiki bolmagy üçin, soragy we jogaby dogry goýmaly, onuň üçin bolsa ilki bilen soragy goýmagyň dogrylyk kriteriýalaryny we sertlerini bilmelidir. **Dogry goýulan sorag** - bu jogap berýäniň düşen ýagdaýyna garamazdan, hakyky jogaby bermek mümkinçiligi bolan soragdyr. **Nädogry goýulan sorag**-bu jogap beriji haýsy ýagdaýda-da bolsa, hakyky jogaby bermek prinsipial mümkin bolmadyk soraglardyr.Ýalňyş soraglar adekwat ýa-da akylly başly soraglary aradan aýyrýar.

**Soragy dogry goýmagyň düzgüni.**

1) Sorag korrekt (dogry) bolmaly. Onun üçin bolsa, soragyň ähli başlangyçlaryny barlamaly. Eger ähli başlangyçlar hakyky bolsa onda sorag dogrydyr. Eger, iň bolmanda, biri ýalan bolsa, sorag nädogry bolýar

2) Sorag gysga we aýdyň goýulmalydyr.Uzyn çolaşan, nätakyk soraglar olara düşünmekligi kynlaşdyrýar we olara jogap bermeklik kyn bolýar. Şeýle-de soraýanyň öz soragynda ulanan adalgasyna özüniň nàhili düşünýänligini takyklamaly. Mes: "maşyn nähili pikir edýär" diýlende, soraýanyň öziniň "maşyn" diýip nämä düşünýänligini takyklamaly.

3)Sorag goýlanda, onuň ähli mese-mälim we gizlin başlangyçlaryna üns bermeli.Eger iň bolmanda

başlangyçlaryň biri goýberilse, jogap ýeterlik kesgitsiz bolýar, sorag bolsa logiki dogy däl bolýar.

4)Anyklayjy soraglarda jogabyň alternatiwligini ("hawa" ýa "ýok") göz öňünde tutmaly.

5)Çylşyrymly bölüji soraglarda ähli alternatiwalary sanamak zerurdyr. Mes: "I, II we III aralyk jemlemelerde gelmedikleri bellemelimi?". Bu ýerde IV alternatiwa ýok, şonuň üçin hem muny logiki nädogry diýip hasap etmek bolar.

6)Adaty soragy ritorik soragdan tapawutlandyrmak zerur. Ritorik soraglar oýlanmalardyr, "çünki olarda tassyklama ýa ret etme saklanylýar, adaty soraglar bolsa oýlanma däldir.

Mes : " siz utanaňyzokmy?" diýilende ritorikidir, çünki munuň üçin çürt-kesik tassyk etme ýa ret etme almak maksat ýok.

**Jogaby dogry bermegiň ýörelgesi.**

Ähli jogaplar dogry we ýalňyş aydylyp bilner. Faktiki dogry jogap munuň mazmunyň hakykata laýyk gelýänligine baglydyr. Soragyň talap edýän maglumatyny berýän jogap hakykydyr.

**Logiki dogry jogap:** 1) adekwatdyr, ýagny soragyň predmetine degişli maglumat esasynda düzülen bolmaly; 2) laýyk gelýän, ýagny soragyň predmetine laýyk gelip, onuň çäginden çykmaýar; 3) gapma-garşy däl, ýagny üçünjini aradan aýyrmak kanunynyň talabyny bozmaýar. Şu üçüsiniň iň bolman biri tersine bolsa, jogap logiki ýalňyş hasaplanýar.

**Jogaby dogry bermegiň ýörelgesi:**

1. Ilki bilen iň pes (iň soňky) derejedäki maglumatly soraga jogap bermeli;

2. Soňra şularyň we beýleki kabul edilen başlangyçlaryň esasynda yzygiderlilikde has ýokary derejedäki soraglara jogap bermeli; Şular ýaly jogap logiki dogry hasaplanýar.

Başgaça jogaplar logiki doly däl we faktiki bir manyly däl hasaplanýar.

**Temany özleşdirmek üçin mysaly soraglar:**

1. Soragyň görnüşleri nämeden ybarat?
2. Dogry we nädogry, açyk we ýapyk, ýönekeý we çylşyrymly soraglaryň tapawudy nämeden ybarat?
3. Jogap we jogabyň görnüşleri nämeden ybarat?
4. Soragyň wezipeleri we olaryň görnüşleri.
5. Dogry soragyň we nädogry soragyň tapawudy.
6. Ýönekeý we çylşyrymly soraglaryň gurluşy.
7. Mese mälim we gizlin soraglaryň gurluşy.
8. Soragy dogry goýmagyň düzgüni.
9. Jogaby dogry bermegiň ýörelgesi.
10. Soragyň we jogabyň etikasy.

## Tema. 12. Meňzeşligi synlamak bilen akyl ýetirmek we onuň gurluşy.

1. Analogiýa görnüşleri.

2. Häsiýet we gatnaşyk meňzeşligi, berk we berk däl analogoýa (morfizm we gomarfiz) moderlemek we analogiýa.

3. Berk analogiýa esasynda netijeleriň anyklygy we berk däl analogiýanyň netijeleriniň häsiýeti.

4. Meňzeşligiň ylymda we hukuk prosesindäki orny.

l. Ylymda we praktikada käbir hadysalary nämä degişli edip umumylaşdyrjagyny bilenok. Şeýle ýagdaýlarda şuňa meňzeş öň bolup geçen hadysalar bolanda toplanan bilimlerden ugur alyp, şu hadysanyň alamatlary kesgitlenilýär, ýagny bir hadysany beýleki hadysa bilen deňäp öwrenýär. Analogiýa – bu beýleki predmetiň hadysaň, hereketiň alamatlaryna meňzeşligine esaslanyp, öwrenilýän predate hadysa herekete kesgitli bir alamatlaryň, degişligini bolanda netije çykarmakdyr. Dünýä birdir, şonuň üçinem analogiýa köpdür. Her bir takyk "predmet ýa-da hadysa, özünde birnäçe häsiýetleri saklamak bilen, alamatlaryň tötänleýin kombinasiýasyny (utgaşmasyny) däl-de, olaryň kesgitli birleşmesini aňladýar. Bize belli bolan predetleriň toparyndan bolan we beýleki häsiýetler bilen bile gabat gelýän häsiýet şol toparyň predmetlerine meňzeş bolan ýene-de bir predmete degişli bolýar, sebäbi şol predmetde hem şol häsýetler bar. Mes: jemgyýetde kreminal ýagdaýlaryň ösmegine halkyň garaýşyny "gaýnan suwuň täsiri" (efekt kipetka) bilen deňeseň bolar: eger gurbagany sowuk suwa oklasaň we şol suwy yuwaş-yuwaşdan gyzdyrsah, gurbaga iru-giç bişer;

eger ony göni gaýnag suwa oklasah, ol sobada böküp çykar we diri galar. Edil şular ýaly jemgyýetde bolar. Eger negatiw riminde üýtgeşmeleriň ýa-da ahlak gymmtlyklarynyň mese mälim intensiw partladyjy häsiýeti bolsa jemgyýet öz wagtynda düşünip biler. Eger öň üýtgeşmeler yuwaş-yuwaşdan emele gelýän bolsa onda diňe üýtgeşmeler öňüni alyp bolmjak derejä ýetende jemgyýet oňa adikwat düşüner, has erbedem jemgyýet şol üýtgeşmelere laýyklanyp ýaşaberýär. Şeýlelikde analogiýa bu bir predmeti häsiýetinden başga bir predmetiň häsiýeti bolanda netije çykarmak we topardan aýratyn bir predmet bilen netije çykarmakdyr

2. Gatnaşyklaryň analogiýasy- bu iki goşa predmetiň hadysanyň arasyndaky gatnaşyklar deňelip çykarylýan netijedir, bu ýerde geçirilýän alamat bu gatnaşyklaryň häsiýetidir: mes: Edil ýokary bahalaryň käbir satyjylary gorkuzuşy ýaly bizem jeza çäreleri berkitdirsek onda käbir adamlary jeza çarelerinden gorkuzarys. Bu mysalda analogiýa şeýle netijeleriň gelip ýetmegine mümkündigine aýtmaly. Bir tarapdan ýokary bahalara öwrenişmek we beýleki tarapdan bolsa berk jezalara uygunlaşmak. Gatnaşyklary analogiýa pikir yöretmeleriň shemasy şeýledir:

A predmet B predmete R gatnaşyklar durýar

M predmet T predmete Rl gatnaşykda durýar

A-nyň B- ge M-iň T-e bolan gatnaşygynyň esasynda ýatýan häsiýetleriň hem meňzeş bolmagy mümkün. Modelirlemek usuly – ylymda we tehnikada giňden ulanylyp, munuň esasynda gatnaşyklaryň analogiýasy ýatýar. Haçan-da parametrleriň arasyndaky gatnaşyk

öwrenilende modeller real obýektlere geçirilýär. Indi moderlirleme hukuk goraýjy guramlaryň we kanun çykryjylarynyň işlerinde netijeli serişdä öwrüldi. Analogiýa başgaça netije çykarmalaryň berk we berk däl anologiýalara bölünmegi gelip çykan bilimiň häsiýetiniň dürlidigine esaslanýar. Berk analogiýanyň aýratynlygy-meňzeşlik alamaty bilen geçirilýän alamatyň arasyndaky zerur baglanşygyň bolmagydyr. Eger A predmetiň R, K, Ç, E alamatlary a B predmetiň bolsa R, K, Ç, alamatlaryň jemindenem E , V-ler zerurlyk bilen ýüze çykýan bolsa, onda B predmetiň E alamaty hökman bolaýmaly. Berk analogiýa - analogiýa başgaça netije çykarmalaryň içinde ýeketäk dogry (zerur) bilim berýändir berk analogiýa ylmy barlaglarda, matematiki subutnamalarda haçan-da bize hödürlenen meseläni çözjek bolup has yönekeýini gözlänimizde ulanylýar. Berk däl analogiýa- bu meňzedilýän we geçirlýän alamatlaryň arasyndaky baglanşyk uly ýa kiçi mümküngadarlyk (hakykata ýakyn) pikirlenilende deňeşdirmekdir. Bu ýagdaýda beýleki predmetde meňzeşlik alamaty ýüze çykarlanda dine logiki gowşak formada onda geçilýän alamatlaryň degişliligi bilen netije çykaryp bolar.

3. Berk däl analogiýalar jemgyýetçilik taryhy barlaglarda real obýektler modirlenilende ulanylýar mes: Real sertlere meňzeş sertlerde özümi nädip alyp barjakdygyna kesgitlemek maksady bilen samolyotyň modelini aýrodinamiki turbada barlamakda ulanylýar. Berk däl analogiýa bolsa netijäniň subut edijilik güýji ýok. Netije näçe ýokary mümkügadar derejede bolsa-da bu predmetiň ýa hadysanyň doly tassyklanylmadyk alamaty babatdaky çaklamadyr. Analogiýa netijeler induktiw netijelerden

tapawutlulukda örän pes mümkün bolan bilimleri berýär. Ýöne tebigatyň predmetleriniň we hadysalarynyň arasyndaky meňzeşlik bilen çaklamalary ösdürmekde analogiýanyň peýdasy uludyr. Berk däl analogiýa boyunça mümküngadarlygyň derejesini beýgeltmek üçin şu sertleri berjaý etmeli 1. Umumy adamlaryň sany näçe köp bolsa şonça-da gowy. 2. Meňzeş alamatlar düýpli alamatlar bolmaly. 3. Umumy alamatlaryň mümkün boldugyça köp dürli bolmaly. 4. Tapawutlarynyň düýplüligini we sanyny hasaba almak zerur. 5. Geçirilýän alamatlar meňzeş alamatlaryň tertibinde bolmaly.

Induksiýa we deduksiýa bilen bilelikde akyl ýetirmegiň we netije çykarmagyň üçinji bir usuly hem bar. Ol belli bolan logiki geçiliş, ýagny aýry-aýry belli ýagdaýlardan – başga bir ýagdaýa geçmek we olary deňeşdirmek – bu ogikada meňzeşlik ýa-da analogiýa diýip atlandyrylýar.

Mysal üçin, ozalky SSSR-iň taryhynda bolup geçen bir wakany ýatlalyň. Ýagny ol 1918-nji ýylyň başynda, has takygy mart aýynyň başynda baglaşylan Brest şertnamasydyr. Bolşewikler partiýasynyň ýolbaşçysy W. I. Lenin şol wagtky ýaş Sowet döwletine wajyp gerekli bolan (mejbury gerekli bolan diýsegem ýalňyşmarys) arakesmäniň gerekdigini subut edip. Brest parahatçylygy şertnamasy (1918) bilen Tilzit parahatçylygyny (1807) deňeşdirip, olaryň arasyndaky tayhy meňzeşligi görkezýär. W.I. Leniniň sözlerine görä, şol wagt nemesler Tilzit parahatçylykly şertnamasyny baglaşmak bilen Napaleondan 1913 we 1914-nji ýyllarda azat boldylar. Şol sebäpli 1918-nji ýylda Brest parahatçylygy şertnamasyny

baglaşmak biziň üçin örän wajypdy, diýip ol nygtap görkezdi.

Bu mysaldan görnüşi ýaly W.I. Lenin ýokarda görkezilen parahatçylykly şertnamalary mysal getirmek bilen öň bolup geçen bir ýagdaýyň häzirki bir ýagdaýa meňzeşdiginden ugur alýar. Brest parahatçylygynyň nähili bolup gutarandygyny biz ozalky SSSR-iň taryhyndan bilýäris.

Bu elbetde, taryhyň sahypalary. Ýöne biz taryhy wakalaryňam Logiki akyl ýetirmek bilen sepleşýändigini ýokarda getiren mysalymyzda subut etdik.

Meňzeşligiň görnüşleri.

Meňzeşligiň görnüşleri 2 hili bolýar. Ýagny, zatlaryň meňzeşligi – bu iki sany meňzeş zat barada düşünjedir. Şu ýagdaýy düşündirmek üçin fizikanyň ösüş taryhynda sesiň ýaýramagyny bilen meňzedilýärdi. Bu ýerde obýekt – sowuklyk we ses, onuň deňeşdirmek salgymy bolsa onuň tolkun bolup ýaýramagydyr. Soňra fizikanyň ösüş taryhynda şöhläniň hereketi öwrenilende XVII asyrda ýaşap geçen gollandiýaly alym şöhle bilen sesiň meňzeşdigini nazarda tutup, şöhläniň hem tolkun bolup ýaýramaksypatyny açyp görkezdi.

Meňzeşligiň ikinji görnüşi – bu gatnaşyklaryň meňzeşligi (analogiýa). Bu meňzeşlik iki sany zadyň arasyndaky meňzeşlikdir. Meselem:2 sany adam – bir-irleri bilen gatnaşykda – ýagny kakasy wekämillik ýaşyna ýetmedik ogly.

Bu ýerde: 1. Kämillik ýaşyna ýetmedik ogluň kakasy – X.

Kämillik ýaşyna ýetmedik agtygynyň atasy – M

Kanun boýunça kakasy kämillik ýaşyna ýetmedik ogluny ekläp – saklamaga borçludyr.

Şeýle logiki arabaglanyşyk boýunça fizikada, himiýada, astranomiýada, biologiýda, matematikada hem uly ylmy açyşlar edildi. F Engels formal logika bilen dialektiki gatnaşyklary deňeşdirip, olary arifmetikanyň arasyndaky gatnaşyklar bilen meňzedipdir. Olaryň düzýän zatlary aýry-aýry bolsa-da, olaryň arasyndaky gatnaşyklaryň biri-birine golaýdygyny belläp geçýär.

**Meňzeşlik boýunça gelinen netijäniň durnuklylygynyň sebäpleri.**

Meňzeşlik bilen biziň alýan bilimimiz özüniň berkligi boýunça tapawutlanýarlar. Ýagny, birnäçe ýagdaýlarda gelinen netije problema laýyk häsiýetde (düşündirmesi kyn), beýleki bir ýagdaýda – takyk netijeler bolýar. Gelinen netijäniň gymmaty deňeşdirip görülýän zatlaryň biri-birine meňzeşligindedir. Olar dürli-dürli bolýarlar:

1. Deňeşdirilýän zatlaryň biri-birine ýakynlygy.
2. Olaryň arasyndaky aýratynlyklar.
3. Deňeşdirilýän zatlaryň meňzeşliginiň we onuň keşbiniň biri-birine geçmegi.

Şu ýagdaýlary, has düşnükli bolar ýaly şu aşakdaky mysallarda seredeliň:

1. Deňeşdirilýän zatlaryň biri-birine ýakynlygy.

W. I. Lenin Russiýadaky 1917-nji ýylyň iýun, iýul aýlaryndaky syýasy ýagdaýy, 1848-nji ýyldaky Fransuz rewolýusiýasynyň döwri bilen deňeşdirilýär. Taryhdan bilşimiz ýaly, 1848-nji ýylda Fransiýada işçileriň

çykyşynyň orta buržuaz gatlaklary tarapyndan goldanylmazlygy, olaryň, ýagny, işçileriň ýaragsyzlandyrylmagyna we fransuz generaly Kawenýak tarapyndan olaryň atylmagyna getiripdi.

W. I. Lenin 1917-nji ýylyň iýun aýynda dörän syýasy ýagdaýy mysal getirmek bilen, şondan iki aý geçenden soň, 1917-nji ýylyň awgustynda general Karnilowyň Petrograda goşun getirip pitne turuzmagy Fransiýada 1848-nji ýyldaky ýagdaýyň Russiýadaky 1917-nji ýylyň tomusyndaky ýagdaý bilen gabat gelýändigini aýdyň subut etdi.

2. Olaryň arasyndaky aýratynlyklar.

Meňzeşlik boýunça gelinýän netije şol bir zatlaryň daşky görnüşiniň meňzeş bolsa-da, käbir halatlarda olaryň takyk gaýtalanýan meňzeşliginiň hem aýratynlyklarynyň bardygyny görkezýär. Şol aýratynlyklar dürli-dürli bolýarlar. Meselem: ýene-de taryhy wakalara, onda-da W. I. Leniniň baha beren wakalaryna ýüzleneliň: W. I. Lenin 1918-nji ýylyň martynda Brest parahatçylygy şertnamasynyň garşydaşlarynyň şol wagty Fransiýada dörän 1792-nji ýyl bilen deňeşdirmeklerine garşy çykdy. Ol öz çykyşlarynda 1918-nji ýylyň başyndaky Russiýa bilen 1792-1793-nji ýyllardaky Fransuz rewolýusiýasynyň aratapawudynyň gaty uludygyny görkezdi.

3. Deňeşdirilýän zatlaryň meňzeşliginiň we onuň keşbiniň biri-birine geçmegi.

Deňeşdirilýän zatlaryň meňzeşliginiň we onuň keşbiniň biri-birine geçmegi hem hut şu ýokardaky mysallarymyzdan görünýär.

**4. Meňzeşligiň ylymda we hukuk prosesindäki orny.**

Biziň her birimiz ýaşlykdan daş-töweregimizde bolup geçýän zatlary, wakalary özboluşly, şol döwürdäki akyl ýetiriş ukybymyz boýunça kabul edýäris. Şu ýerde beýik rus ýazyjysy L. W. Tolstoýyň “Çaganyň bäş ýaşyna çenli kabul edýän we düşünýän zatlary onuň soňky ýetmiş ýylyň dowamynda kabul edýän we düşünýän zatlaryndanam köpdür” diýen sözleri bialaç ýadyňa düşýär. Meselem: Beýik Watançylyk urşundan soňra doglan çagalar, ilkinji telewizorlary 15-17-20 ýaşlarynda seredip başladylar. Şu günki dünýä inýän çagalar telewizory enäniň süýdi bilen bile kabul edip başlaýarlar. Diýmek, çaganyň aň-düşünjesiniň ösüp, kemala gelmeginde biziň daşymyzy gurşap alan dünýädäki bolup geçýän wakalar, zatlar, döwür, öýdäki terbiýe, ene-atanyň çagalara bolan gatnaşygy, dostlar, doganlar bilen gatnaşyk, çaga oýunlary, mekdep, mugallymlaryň berýän ylymy, bilimi, terbiýesi, klasdaşlar bilen gatnaşyk, ilkinji söýgi, okan kitaplaryň, sereden filmleriň, orta mekdebi tamamlap durmuşa aýak basmak, ýokary ýa-da orta okuw jaýlaryndaky okuw, önümçilikde işlemek, goşun gullugy, öýli-işikli bolup durmuş gurmak, durmuşda – okuwda, işde, gullukdaky üstünlikler, duş gelýän kynçylyklar, ýakyn adamlaryň bilen gatnaşyklar, öz maşgalaňdaky gatnaşyklar, jemgyýetde döreýän gatnaşyklar, durmuşda öz ornuňy tapmak we ýene-ýeneler – ine, adamy ýaşlykdan terbiýeleýän we ony kemala getirýän gatnaşyklar. Şu gatnaşyklarda her bir adamyň özüniň durmuşa, ýaşaýşa, adamlara, dogan-garyndaşlaryna, klasdaş-kursdaşlaryna, ata-enesine,

çagalaryna, agtyklaryna bolan garaýyşlary, gatnaşyklary kem-kemden formirlenilýär.

“Hukuk öwreniş” hünäri boýunça okaýan her bir talybyň şu gatnaşyklary üstünlikli geçip, hukuk bilimleri boýunça dünýä ülüňlerine gabat gelýän ylym-bilim we terbiýe almaklary gaty derwaýysdyr. Durmuş mekdebini geçmekde, hereket edýän kanunlary ulanmakda, mahlasy ýokary okuw jaýyny tamamlap, hukuk goraýjy edaralarda işe başlanan mahaly, logiki pikirlenmegiň, logiki arabaglanyşygyň, logiki medeniýetiň we logiki yzygiderliligiň ähmiýetiniň biçak uludygyna göz ýetirersiňiz.

Dogrudanam, adamzat taryhynda ilkidurmuş obşina gurluşynda ýaşan adamlar we çaganyň pikirlenip akyl ýetirme prosesi – bu ägirt uly durmuş mekdebidir.

Häzirki zamanda ylmyň we tehnikanyň absolýut derejede ösmegi – bu adamzadyň ewolýusiýasyny görkezýär. Nýutonyň kanunlary, almanyň onuň üstüne gaçmagy, Galileo Galileýiň taglymaty, onuň inkiwizisiýanyň sudunyň öňünde dyza çöküp – dogrudanam ýer aýlanmaýar diýmegi, onuň suduň zalyndan çykyp, okuwçylarynyň we şägirtleriniň arasynda “näme diýseňem ol aýlanýar” (ýer barada) diýen jümlesi – bularyň hemmesi adamzat ylmyny, logiki pikirlenmäniň, akyl ýetirmäniň ösüş ýoluny görkezýär.

Meşhur fransuz fantasty, ýazyjysy Žýul Werniň (1828-1905ýý) fantastiki romanlarynda ýazylyp beýan edilen zatlaryň biziň günlerimizde durmuşa geçmegi – bularyň hemmesi adamzat ösüşiniň logiki ewolýusiýasyny aýdyň subut edýär.

Maşyn gurluşyk, deňiz gämileriniň gurluşygy, howa gämileriniň gurulmagy, gidroelektrostansiýalaryň, atom elektrik stansiýalaryň, kosmos gämileriniň gurulmagy, deňizlerden, okeanlaryň çuňluklaryndan nebit, gaz alynmagy (awariýa B.P./20.04.2010) – bularyň hemmesi adamzadyň aň-düşünjesiniň, logiki pikirlenmeginiň ägirt uly menzillere ýetendiginiň mysalydyr.

**Hukuk öwrenişde meňzeşlik kanuny.**

Her bir döwletiň özüniň hukuk ulgamy (prawowaýa sistema) bolýar. Şol hukuk ulgamynda meňzeşlik kanunyna we meňzeşlik hukugyna ýa-da presedentine hem ýol berilýär. Durmuşda ähli ýüze çykýan ýagdaýlary kabul edilýän kanunlarda, hukuk namalarynda we kodekslerde göz öňünde tutmak mümkin däl. Ine şeýle ýagdaýlarda meňzeşlik kanunyna meňzeşlik hukugyna ýüzlenmeli bolýar. Şeýle ýagdaýlar ýüze çykan halatynda, meňzeş kanunlar ýa-da meňzeş hukuk kadalary ulanylyp bilner.

Hut şeýle ýagdaý anglo-amerikan hukuk ulgamynda gabat gelinýär. Ozalky sowet kanunlary kazyýet presedentini hukuk çeşmesi hökmünde seretmeýärdi.

**Jenaýaty derňemekde duş gelýän meňzeşlikler.**

Her bir sülçi, prokuror, adwokat we kazy iş derňelende kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga-da, durmuş tejribesine, özüniň we ýoldaşlarynyň iş tejribelerine ýüzlenýärler.

Her bir jenaýatçylykly hereketleriň seljerilmegi, derňelmegi sülçiden işeňňirligi, ugurtapyjylygy, akyllybaşly logiki aň ýetirmekligi we akyl ýetirip dogry we doly netije çykarmagy talap edýär. Bularyň hemmesi bilelikde

jenaýatyň açylmagyna we ony eden adamlaryň jenaýat jogapkärçiligine çekilip, eden jenaýatlary üçin jeza çekmeklerini üpjün etmäge kömek edýär.

Meselem: sülçi şäherde bolýan jenaýatlary seljerende, ogurlygyň şol bir wagtda, gündiz, öý hojalykçy aýalaryň kir ýuwup, ony daşarda sermäge çykanda edilýändigine üns berýär we şeýle jenaýatly hereketleri şol bir adamyň ýa-da jenaýatçylykly toparyň edýändini deňeşdirme arkaly subut edýär.

Her bir sülçiniň işinde, onuň derňew geçirmegi, seljermegi, işi alyp barmagy onuň logiki pikirlenmegi, aň ýetirmegi, akyl ýetirmegi uly orun tutýar. Onuň durmuş tejribesi, ýokary okuw jaýynda alan ylym-bilimi, aňy-düşünjesi onuň işinde kömek berýän faktorlaryň biridir.

**Temany özleşdirmek üçin mysaly soraglar.**

1. Analogiýa – meňzeşlik diýip nämä düşünýärsiňiz?
2. Meňzeşligiň görnüşleri nähili bolýar?
3. Berk analogiýa we berk däl analogiýanyň ara tapawudy nähili?
4. Meňzeşligiň ylymdaky orny.
5. Meňzeşligiň huku öwrenişdäki orny.
6. Meňzeş kanunlary ulanmak diýmek näme?
7. Meňzeş hukuk kadalaryny ulanmak diýmek näme?
8. Sud presedent diýip nämä düşünýärsiňiz?

**«Logika» dersi boyunça test soraglar.**

**1.Sorag. Logika diýmek näme?**

Jogaplar:

1) Logika - bu pikirlenme.

2) Logika - bu oýlanmak .
3) Logika - bu akyl ýetirmek.

**2. Sorag. Logika dersi nämani öwrenýär?**

Jogaplar:
1) Logika adamyň pikirlenme ukybyny öwrenýär.
2) Logika adamzat jemgyetini öwrenýär.
3) Logika döwlet gurluşyny öwrenýär.

**3. Sorag. Logikanyň predmeti nämeden ybarat?**

Jogaplar:
1) Logikanyň predmeti takyk we yzygiderli pikirlenmekdir.
2) Logikanyň predmeti daşky dünýä aň ýetirmekdir.
3) Logikanyň predmeti bu filosofiýany öwrenmekdir.

**4. Sorag. Logika ylmynyň düýbüni tutan akyldarlar kimler?**

Jogaplar:
1) Platon, Aristotel, Kont.
2) Sokrat, Siseron, Gegel.
3) Kant, Kopernik, Konfusiý.

**5. Sorag. Logikanyň ähmiýeti?**

Jogaplar:
1) Her bir adamyň yzygiderli we takyk pikirlenmäni başarmagy.
2) Her bir adamyň oýlaňmak ukyby.
3) Her bir adamyň öz pikirini yzygiderli beýan etmegi.

**6. Sorag. Logikanyň görnüşleri?**

Jogaplar:
1) Formal logika, dialektiki logika, matematiki logika.
2) Aňlamak, düşünmek, öwrenmek.
3) Pikirlenmek, oýlaňmak, akyl ýetirmek.

**7. Sorag. Logikada duýmak näme?**

Jogaplar:
1) Duýmak – bu bar bolan maddy zatlaryň käbir häsiýetlerini aňmak, bilmek.
2) Duýmak – bu akyl ýetirmek.
3) Duýmak – bu öwrenmek.
**8. Sorag. Logikada aňşyrmak näme?**
Jogaplar:
1) Aňşyrmak – bu göz bilen görmek we gulak bilen eşitmek.
2) Aňşyrmak – bu kabul edip almak.
3) Aňşyrmak – bu duýmak.
**9. Sorag. Logiki pikirlenmek nähili döreýär?**
Jogaplar:
1) Pikirlenmek zähmetiň we diliň döremegi bilen döreýär.
2) Logiki pikirlenmek adamyň aňynyn döremegi bilen döreýär?
3) Logiki pikirlenmek adamyň döremegi bilen döreýär.
**10. Sorag. Abstrakt (howaýy) pikirlenmegiň aýratynlyklary nämeden ybarat?**
Jogaplar:
1) Hakykatyň umumylyk görnüşde dil bilen çalasyn beýan edilmegi.
2) Adamyň aň-hyýalynyň beýany
3) Adamyň taryhynyň beýan edilmegi.
**11. Sorag. Abstrakt (howaýy) pikirlenmegiň görnüşleri nämeden ybarat?**
Jogaplar:
1) Düşünjeler oýlanmalar we aň ýetirmeklik
2) Duýgy, göz öňüne getirmeklik we netije çykarmak.
3) Dogry çözgütler, netije we oýlanmalar.

**12. Sorag. Hünärmenler üçin logikanyň zerurlygy nämeden ybarat?**
Jogaplar:
1) Dogry netije çykarmaklyk, wakalary yzygiderli seljermek.
2) Aň – pikirini ösdürmek.
3) Düşünjäni kämilleşdirmek.
**13.Sorag. «Hukuk öwreniş» hünäri boýunça okaýanlara logika ylmyny öwrenmekligiň zerurlygy nämeden ybarat?**
Jogaplar:
1) Gelejekki hukukçylaryň yzygiderli we takyk pikirlenmek ukybyny, dogry çözgütleri we netijenamalary çykarmagy kämilleşdirmek.
2) Aň – düşünjeli hünärmenler bolmagyny gazanmak.
3) Abstrakt (howaýy) pikirlenmegi başarmak.
**14. Sorag. Logikanyň esasy kanunlary nämeden ybarat?**
Jogaplary:
1) Birmanylylyk, garşylygyň bolmazlygy, üçünji pikiri orun bolmazlyk we ýeterlik esas kanunlary.
2) Hukuk ulgamyny öwrenýän kanunlary.
3) Döwletiň we jemgyetiň sazlaşygyny öwrenýän kanunlar.
**15. Logikanyň birmanylyk kanuny nämeden ybarat?**
Jogaplar:
1) Dürli pikirler takyk kesgitlenen we many - mazmunly bolmalydyr.
2) Dürli pikirler biri – birine menzeş bolmaly .
3) Dürli pikirler biri – birinden ______ bolmaly.

**16. Sorag. Logikanyň garşylygyň bolmazlygy kanuny nämeden ybarat?**

Jogaplar:

1) Logiki taýdan pikirlenmek takyk bolanda garşylygyň bolmazlygy.

2) Logiki taýdan pikirlenmek biri – birine gabat gelmezligi.

3) Logiki taýdan pikirlenmek biri – birine terk edýän mahaly.

**17. Sorag. Logikanyň üçünji pikire orun bolmazlyk kanuny nämeden ybarat?**

Jogaplar: 1) Eger-de bir pikir ýalňyş bolsa, onda beýlekisi dogrudyr.

2) Eger-de bir pikir biri-birine gabat gelse, üçünjisi dogrudyr.

3) eger-de bir pikir biri-birine gabat gelmese, üçünjisi dogrudyr.

**18. Sorag. Logikanyň ýeterlik esas kanuny nämeden ybarat?**

Jogaplar:

1) bu kanun pikirleriň esaslydygyny we subut edilendigini görkezýär.

2) Bu kanun pikirleriň gapma – garşylygyny görkezýär.

3) Bu kanun pikirleriň özboluşly aýratynlygyny görkezýär.

**19. Sorag.Logika ylmynda düşünje nämeden ybarat?**

Jogaplar:

1) Düşünje pikirlenmäniň bir görnüşidir.

2) Düşünje hyýaly pikirlenmäniň görnüşidir.

3) Düşünje gapma – garşyly pikirlenmäniň görnüşidir.

**20. Sorag. Düşünjede pikirlenmegiň aýratynlygy nähili ýüze çykýar?**

Jogaplary:

1) Pikirlenmäniň aýratynlygy onuň dil bilen baglylygyndadyr

2) Pikirlenmäniň aýratynlygy onuň adam bilen baglylygyndadyr.

3) Pikirlenmegiň aýratynlygy onuň tebigat bilen baglylygyndadyr.

**21. Sorag. Pikirlenmekde diliň aýratyn orny nämeden ybarat?**

Jogaplar:

1) Dil şahsyetaragatnaşyklarynda möhim serişde bolup durýar.

2) Dil haýwanat dünýäsinde möhüm serişde bolup durýar.

3) Dil ösümlik dünýäsinde möhümserişde bolup durýar.

**22. Sorag. Adamlar dünýäde bolup geçýn zatlara nähili görnüşde akyl ýetirýarler?**

Jogaplar:

1) Ten duýgulary arkaly, Pikirlenmek arkaly, tejribaniň üsti bilen.

2) Tejribe, gözýetim,duýgularyň üsti bilen.

3) Gepleşmek, aňmak, seljermek bilen.

**23. Sorag. Ten duýgulary arkaly akyl ýetirmeklik nähili görnüşde bolup biler?**

Jogaplar:

1) Duýmak, kabul etmek, göz öňüne getirmek.

2) Seretmek, bilmek, duýmak.

3) Aňlamak, barlamak, kabul etmek.

**24. Sorag. Pikirlenmegiň nähili görnüşleri bar?**

Jogaplar:
1) düşünje, pikir ýöretme, akyl netije.
2)Akyl netije, dil bilen beýan etmek, göz bilen seretmek.
3) Synlamak, duýmak, beýan etmek.

**25. Sorag. Düşünje (ponýatie) nähili ýüze çykýar?**

Jogaplar:
1) öwrenýän zadyň möhüm alamatlaryny bilmek.
2) Öwrenýän zadyň daşky sypatyny bilmek.
3) Öwrenýän zadyň içki gurluşyny bilmek.

**26. Sorag. Adamyň esasy alamaty nämeden ybarat?**

Jogaplar:
1) Adamyň ýaşlykdan ýörap bilýändigi.
2) Adamyň pikirlenip bilýändigi.
3) Adamyň iýmiti iýip bilýändigi.

**27. Sorag. Düşünjäniň maddy esasy nämeden ybarat?**

Jogaplar:
1) duýmak.
2) sözleşmek.
3) Akyl ýetirmek.

**28. Sorag. Pikir ýöretmäniň aýratynlyklary nämeden ybarat?**

Jogaplar:
1) Pikir ýöretme oýlanmagyň bir görnüşi.
2) Pikir ýöretme bir pikiri tassyklaýar ýa – da inkär edýär.
3) Pikir ýöretmede seljerme ýüze çykýar.

**29. Sorag. Akyl netijede ( ) nähili emele gelýär?**

Jogaplar:

1) Akyl netije adamlaryň özara gatnaşyklarynda emele gelýär.
2) Akyl netijede bir ýa – da aýry pikir ýöretme ýüze çykýar.
3) Akyl netijede seljerme ýüze çykýar.

**30. Sorag. Deňeşdirme usulynda nähili aýratynlyklar bar?**

Jogaplar:
1) deňeşdirme usulynda adamlaryň özara gatnaşyklary ýüze çykýar.
2) Deňeşdirme usulynda zatlaryň oňat ýa – da erbet, peýdaly ýa – da peýdasyz taraplary aýan edilýär.
3) Deňeşdirme usulynda daşky dünýä göz ýetirilýär.

**31. Sorag. Düşünjäniň mazmuny nämeden ybarat?**

Jogaplar:
1) Düşünjäniň mazmuny – bu akyl ýetirmäniň netijesidir.
2) Düşünjäniň mazmuny – bu pikirde göz öňüne getirilýän zatlaryň möhüm alamatlarynyň jemidir.
3) Düşünjäniň mazmuny – bu pikir ýöretmegiň netijesidir.

**32. Sorag. Düşünjäniň göwrümi nämeden ybarat?**

Jogaplar:
1) Düşünjäniň göwrümi – bu pikiriň gapma – garşylygydyr.
2) Düşünjäniň göwrümi – bu pikirde göz öňüne getirilýän zatlaryň jemidir.
3) Düşünjäniň göwrümi – bu pikiriň dagynyklygydyr.

**33. Sorag. Düşünjeleriň mazmun taýdan bölunişigi nähili bolýar?**

Jogaplar:

1) Düşünjeleriň mazmun taýdan bölunişigi anyk we abstrakt görnüşde bolýar.
2) Düşünjeleriň mazmuny anyk we abstrakt, tersin we oňňyn bolýar.
3) Düşünjeleriň mazmuny tersin we oňňyn bolýar.

**34. Sorag. Anyk düşünje näme bolýar?**

Jogaplar:
1) anyk düşünje – bu pikiriň jemidir.
2) Anyk düşünje – bu pikirde bir zat bitewi bir zat hökmunde alynça.
3) Anyk düşünje – bu pikiriň yzygiderliligidir.

**35. Sorag. Abstrakt düşünje näme bolýar?**

Jogaplar:
1) abstrakt düşünje – bu pikiriň howaýylygydyr.
2) Abstrakt bu – pikirde predmete degişli haýsydyr bir alamatyň bölünip alynmagy.
3) Abstrakt düşünje – bu pikirde arzuw hyýallaryň agdyklyk etmegi.

**36. Sorag. Tersin düşünjäniň mazmuny nämeden ybarat?**

Jogaplar:
1) Tersin düşünje – bu gapma – garşylykly düşünjedir.
2) Tersin düşünje – öz mazmunynda anyk alamatyň bardygyny görkezýär.
3) Tersin düşünje – bu öz mazmunynda dagynyklary jemleýär.

**37. Sorag. Oňňyn düşünjäniň mazmuny nämeden ybarat?**

Jogaplar:

1) Oňňyn düşünje – bu öz mazmunynda oňňyn pikirler bolan düşünje.
2) Oňňyn düşünje – bu öz mazmunynda nähili-de bolsa bir alamatyň bardygyny görkezýän düşünje.
3) Oňňyn düşünje – bu mazmunynda abstrakt pikirler bolan düşünje.

**38. Sorag. Düşünjeleriň arasynda operasiýalar bolup bilermi?**

Jogaplar:
1) Düşünjeleriň arsynda operasiýalar bolup bilmez.
2) Düşünjeleriň arsynda operasiýalar bolup biler – ýagny goşmak, köpeltmek we çaklendirmek.
3) Düşünjeleriň arasynda operasiýalar hem bolup biler, hem bolup bilmez.

**39. Sorag. Düşünjeleri goşmak nämäni aňladýar?**

Jogaplar :
1) Düşünjeleri goşmak – bu pikir ýöretmegiň yzygiderligidir.
2) Düşünjeleri goşmak – bu iki ýa-da birnäçe düşünjeleri birleşdirip, şolar hemmesinden häsiýetli düşünjäni emele getirmek.
3) Düşünjeleri goşmak – bu akyl ýetirmegiň çägidir.

**40. Sorag. Düşünjeleri köpeltmek nämäni anladýar?**

Jogaplar:
1) Düşünjeleri köpeltmek – bu birnäçe düşünjäni bir-birine goşmakdyr.
2) Düşünjeleri köpeltmek – iki sany düşünjäniň içinden biri-birine laýyk gelýän tarapyny gözläp tapmakdyr.
3) Düşünjeleri köpeltmek – bu akyl ýetirmegiň göwrümidir.

**41. Sorag. Düşünjeleri çäklendirmek nähili bolýar?**

Jogaplar:
1) Düşünjeleri çäklendirmek- bu düşünjäni gysgaltmakdyr.
2) Düşünjeleri çäklendirmek – bu umumy düşünjelerden ýalňyz, az umumy düşünjeleriň emele gelmegidir.
3) Düşünjeleri çäklendirmek – bu onuň abstrakt görnüşe eýe bolmagydyr.

**42. Sorag. Kesgitlemäniň görnüşleri nähili bolýar?**

Jogaplar:
1) Kesgitleme anyk we aýdyň görnüşde bolup biler.
2) Kesgitleme tassyklaýjy ýa-da inkär ediji görnüşde bolup biler.
3) Kesgitleme gapma – garşylykly pikir ýöretmelerden emele gelip biler.

**43. Sorag. Pikir ýöretme nähili emele gelýär ?**

Jogaplar:
1) Pikir ýöretme adamlaryň gepleşiginden emele gelýär.
2) Pikir ýöretmede şol bir zada degişli alamatlar ýa tassyklanýar , ýa-da inkär edilýär.
3) Pikir ýöretmede adamlaryň şol bir zat barada düşünjeleri ýüze çykýar.

**44. Sorag. Pikir ýöretmegiň nähili görnüşleri bolýar?**

Jogaplar:
1) Pikir ýöretmegiň köp sanly görnüşleri bolup biler.
2) Pikir ýöretmegiň ýönekeý ýa-da çylşyrymly görnüşleri bolup biler.
3) Pikir ýöretmegiň yzygiderli görnüşleri bolup biler.

**45.Sorag. Umumy pikir ýöretme bilen hususy pikir ýöretmäniň arasyndaky gatnaşyklar nähili emele gelýär?**

Jogaplar:

1) Umumy pikir ýöretme bilen hususy pikir ýöretme bilelikde emele gelýär.
2) Umumy pikir ýöretme – bu tabyn ediji, hususy pikir ýöretme – bu tabyn bolýan pikir ýöretmedir.
3) Umumy pikir ýöretme bilen hususy pikir ýöretme aýratynlykda emele gelýär.

**46. Sorag. Pikir ýöretmäniň modallyk taýdan bölünişi nähili görnüşde bolup biler?**

Jogaplar:
1) Ol her dürli görnüşde bolup biler.
2) Ol 3 görnüşde bolýar ýagny zerurlyk, mümkinçilik we hakykylyk.
3) Ol 5 görnüşde bolýar ýagny zerurlyk, mümkinçilik, hakykylyk, tabynlyk we umumylyk.

**47. Sorag. Akyl ýetirme boýunça netije çykarmagyň nähili görnüşleri bar?**

Jogaplar:
1) Akyl ýetirme boýunça netije çykarmagyň 2 görnüşi bar: Deduktiw we Induktiw.
2) Akyl ýetirme boýunça netije çykarmagyň 3 görnüşi bar: Deduktiw, Induktiw we akyl ýetirme boýunça netije çykarmak.
3) Akyl ýetirme boýunça netije çykarmagyň 4 görnüşi bar: Deduktiw, induktiw, netije çykarmak, umumylaşdyrmak we aýry – aýry böleklere bolmek.

**48. Sorag. Deduktiw akyl ýetirmek boýunça netije çykarmak näme?**

Jogaplar:
1) Deduktiw akyl ýetirmek boýunça netije çykarmak – bu faktlary umumylaşdyrmakdyr.

2) Deduktiw akyl ýetirmek boýunça netije çykarmak – bu umumy düşünjeden hususy düşünjä gelmekdir.
3) Deduktiw akyl ýetirmek boýunça netije çykarmak – bu hususy düşünjeden umumy düşünjä gelmekdir.

**49. Sorag. Induktiw akyl ýetirme boýunça netije çykarmak näme?**

Jogaplar:
1)Induktiw akyl ýetirme boýunça netije çykarmak – bu faktlary hususylaşdyrmakdyr.
2) Induktiw akyl ýetirme boýunça netije çykarmak – bu hususy (ýeketäk) düşünjelerden – umumy düşünjä gelmekdir.
3) Induktiw akyl ýetirme boýunça netije çykarmak – bu umumy düşünjeden hususy düşünjä gelmekdir.

**50. Sorag. Sorag diýip nämä düşünýärsiňiz?**

Jogaplar:
1) sorag bu adamlaryň arasyndaky gatnaşyklarda döreýän sözlemdir.
2) Sorag – bu haýsydyr bir maglumaty talap edýän ýa-da özüne jogap berilmegine çagyrýan sözlemdir.
3) sorag – bu gepleşikde ýüze çykýan düşnüksiz sözleme goşmaçadyr.

I ýarym ýyllykdaky barlaglaryň temalary.
Dogry pikirlenmäniň esasy ýörelgeleri (kanunlary).
Logika hakynda düşünje. Logikanyň ähmiýeti.
Sözler we zatlar.
Düşünje. Düşünje pikirlenmegiň formasy höküminde
Kesgitlemek sungaty.
Derejeleşdirmek sungaty.
Beýan etmegiň logikasy.
Subutnamalar.
Pikir ýöretmek düşünjesi. Ýönekey pikir ýöretme we onuň düşünjeleri.
Çylşyrymly pikir ýöretme we onuň görnüşleri.
Okuw derňew işleriniň temalary
Pikir ýöretme bilen hakykatyň arasyndaky gatnaşyk.
Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistanda logika ylymynyň ösüşi.
Soragyň we jogabyň logiki gurluşy we onuň görnüşleri.
Akyl ýetirmegiň netijesi hakynda düşünje we onuň görnüşleri
Induktiw pikir ýöretme.
Ylmy induksiýanyň görnüşleri. Sebäpli baglanşygy, anyklamagyň induktiw usullary.
Analogiýa boýunça akyl ýetirme.
Argumentleşdirmegiň (esaslandyrmagyň) logika aýratynlyklary .
Inkär etmek (oprowerženiýa). Argumentleşdirmegiň kadalary we ýalňyşlyklary.
Meňzeşligiň ylymda we hukuk öwrenişdäki orny.

## Hödürlenýän Edebiýatlar

**1.** Gurbanguly Berdimuhammedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. Aşgabat, 2008.

**2.** Gurbanguly Berdimuhammedow. Ösüşiň Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. Aşgabat, 2009.

**3.** Türkmenistanyň konstitusiýasynyň täze redaksiýasy. Aşgabat, 2008.

**4.** Gurbanguly Berdimuhammedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky söýmek – bagtdyr. Aşgabat, 2007.

**5.**Gurbanguly Berdimuhammedow. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007.

**6.** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhammedow. Gysgaça terjimehaly. Aşgabat, 2007.

**7.** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhammedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. Aşgabat, 2007.

**8.** Gurbanguly Berdimuhammedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.

**9.** Gurbanguly Berdimuhammedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat, 2007.

**10.** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhammedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007.

**11.** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhammedowyň Umumymilli „Galkynyş“ Hereketiniň we Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň nobatdan daşary V gurultaýlarynyň bilelikdäki mejlislerinde sözlän sözi. Aşgabat, 2007.

**12.** Beýik özgertmeleriň ýyl ýazgylary. 2-nji neşir. Aşgabat, 2009.

**13.** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhammedow: „Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna” – “Türkmenistan”, “Neýtralnyý Türkmenistan ” gazetleri, 2010-njy ýylyň 10-njy maýy.

**14.** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhammedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, , 2010-njy ýylyň 14-nji maýy ) - “Türkmenistan”, “Neýtralnyý Türkmenistan ” gazetleri, 2010-njy ýylyň 15-njy maýy.

**15.** Arzuwlaryň hasyl bolýan ýurdy - “Türkmenistan”, “Neýtralnyý Türkmenistan ” gazetleri, 2010-njy ýylyň 7-nji iýuny.

**16.** Türkmenistanyň Raýat Bitewi kanuny. Aşgabat, 1999.

**17.** Türkmenistanyň Zähmet Kodeksi. Aşgabat, 2009.

**18.** Логика. Методические указание и планы семинарских занятий. Тюмень 2004.

**19.** Войшвилло Е.К, Дегтярев М.Г. Логика: Учебник для вузов. – М 1998.

**20.** Ивлев Ю.И, Логика. Учебник для вузов. 2-е изд, перераб. И доп. –Логос, 1999.

**21.** Кириллов В.И., Старченко А.А. Логика: Учебник для юридических вузов. Изд. 5-е, перераб. И доп. - М.: Юрист, 1998.

**22.** Халин С.М., Гусакова Т.Ф., Суворова Л.Г. Логика: Учебное пособие. Тюмень: Изд-во ТГУ, 2003.